TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– HÄZIR GALLAÇY DAÝHANLARYMYZ ÜÇIN ÖRÄN MÖHÜM WE JOGAPKÄRLI MÖWSÜM BOLAN BUGDAÝ EKIŞI ÝETIP GELDI. BU MÖWSÜMI AGROTEHNIKI MÖHLETLERDE, GURAMAÇYLYKLY GEÇIRMEK ZERURDYR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
6-njy sentýabr, 2024. Belgisi 36/1602



4-nji sentýabrda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda harby we hukuk goraýjy edaralaryň şu ýylyň ýanwar – awgust aýlarynda ýerine ýetiren işleriniň netijelerine garaldy. Gün tertibine Garaşsyz Türkmenistanda howpsuzlygy, parahatçylygy üpjün etmek, harby we hukuk goraýjy edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, olaryň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek bilen bagly meseleler hem girizildi.

# HALKYMYZYŇ ABADAN ÝAŞAÝŞY ÜPJÜN EDILÝÄR

Ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýew şu ýylyň başyndan bäri Milli goşunymyzyň bölümlerinde alnyp barlan işler, hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň goranyş ukybyny pugtalandyrmak boýunça beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi. Şeýle hem ol ýolbaşçylyk edýän düzümleriniň işini döwrüň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirmek, harby gullukçylaryň gullugy we ýaşaýyş-durmuşy üçin oňaýly şertleri döretmek babatda görülýän çäreler, harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýöriteleşdirilen okuw mekdeplerinde giriş synaglarynyň üstünlikli geçirilendigi, şanly sene – Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň 33 ýyllygy mynasybetli dabaraly harby ýörişe taýýarlyk görülýändigi barada aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, diňe goranyş häsiýetine eýe bolan we üstünlikli durmuşa geçirilýän Harby doktrinanyň Türkmenistanda parahatçylygyň hem-de asuda durmuşyň ygtybarly kepili hökmünde çykyş edýändigini nygtady. Döwlet Baştutanymyz ministrligiň garamagyndaky düzümleriň işiniň kämilleşdirilmegini, goşunlaryň ähli kysymlarynyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň döwrebaplaşdyrylmagyny harby ulgamda amala aşyrylýan özgertmeleriň esasy wezipeleri hökmünde kesgitledi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň şanly senesi mynasybetli guraljak dabaraly harby ýörişe ünsi çekip, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministrine onuň ýokary derejede geçirilmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Baş prokuror B.Muhamedow şu ýylyň sekiz aýyndaky işleriň netijeleri, ministrliklerde, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynda kanunçylyk düzgünleriniň ýerine ýetirilişine gözegçiligi amala aşyrmak maksady bilen görlen çäreler barada hasabat berdi. Şeýle-de, sanly ulgamyň ornaşdyrylyşy, degişli ösüş maksatnamasynyň durmuşa geçirilişi barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, berkarar döwletimizde kanunylygyň we hukuk tertibiniň pugtalandyrylmagynyň, raýatlaryň hukuklarynyň, azatlyklarynyň goralmagynyň wajypdygyna ünsi çekdi. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň berjaý edilmegi bilen bagly düzgün bozulmalary öz wagtynda ýüze çykarmak, olaryň öňüni almak zerurdyr diýip, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy aýtdy we Baş prokurora birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Içeri işler ministri M.Hydyrow hasabat döwründe ýolbaşçylyk edýän düzümleriniň işiniň netijeleri, Içeri işler ministrliginiň edaralaryna sanly tehnologiýalary we öňdebaryjy tejribäni ornaşdyrmak, düzgün bozulmalaryň öňüni almak, ýurdumyzyň ähli künjeklerinde ýangyn howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi. Şeýle hem «Ýol hereketiniň howpsuzlygy – ömrümiziň rahatlygy» şygary astynda geçirilýän biraýlygyň başlanandygy, onuň çäklerinde paýtagtymyzda, welaýatlarda ulaglaryň gatnawyny kadalaşdyrmak, pyýada ýolagçylaryň we sürüjileriň ýol hereketiniň kadalary baradaky düşünjesini ýokarlandyrmak boýunça meýilleşdirilen çäreler hakynda aýdyldy.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, kanunylygyň we hukuk tertibiniň üpjün edilmegini, hukuk bozulmalarynyň öňüniň alynmagyny möhüm wezipeleriň hatarynda görkezdi. Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy, däp bolşy ýaly, sentýabr aýynda täze okuw ýylynyň başlanmagyna gabatlanyp geçirilýän «Ýol hereketiniň howpsuzlygy – ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlygyň ähmiýetini belläp, onuň çäklerinde meýilleşdirilen ähli çäreleriň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmegi tabşyrdy.

Ýokary kazyýetiň başlygy B.Hojamgulyýew ýolbaşçylyk edýän düzüminiň şu ýylyň ýanwar – awgust aýlarynda ýerine ýetiren işleriniň netijeleri, şol sanda sanly tehnologiýalary işjeň ornaşdyrmak arkaly kazyýet ulgamynyň işiniň kämilleşdirilişi barada hasabat berdi. Şeýle hem işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak, kazyýet ulgamyny ösdürmegiň maksatnamasynda kesgitlenen wezipeleri durmuşa geçirmek babatda görülýän çäreler hakynda aýdyldy.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, kanunylygy, adalatlylygy, hukuk tertibini üpjün etmegiň bu düzümiň esasy wezipeleriniň biri bolup durýandygyny nygtady. Munuň özi hukuk taýdan kadalaşdyrmagyň ähli ulgamlaryny öz içine alýar. Şunuň bilen baglylykda, kazylaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak boý unça okuwlary yzygiderli guramak zerurdyr diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy we Ýokary kazyýetiň ýolbaşçysyna anyk görkezmeleri berdi.

Soňra milli howpsuzlyk ministri N.Atagaraýew şu ýylyň sekiz aýyndaky işleriň netijeleri, döwlet bähbitlerini goramak, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysynyň ozal beren tabşyryklaryny ýerine ýetirmek boýunça amala aşyrylýan toplumlaýyn çäreler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, işiň döwrebap usullaryny we sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak, degişli ugurda dünýäniň öňdebaryjy tejribesini öwrenmek boýunça geçirilýän işleriň işjeňleşdirilmeginiň zerurdygyna ünsi çekdi. Şeýle-de, döwlet Baştutanymyz Milli howpsuzlyk ministrligini ösdürmegiň degişli maksatnamasynyň ileri tutulýan wezipeleriniň bellenen möhletlerde we talabalaýyk ýerine ýetirilmegine gözegçiligi üpjün etmegi tabşyrdy.

Soňra Döwlet serhet gullugynyň başlygy Ý.Nuryýew şu ýylyň başyndan bäri Watanymyzyň serhetleriniň goralmagyny üpjün etmek, serhet goşunlarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek, harby gullukçylaryň nazaryýet we söweşjeň taýýarlygynyň derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen görülýän çäreler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň serhetlerinde asudalygyň üpjün edilmeginiň döwletimiziň Bitaraplyk hukuk derejesiniň ýörelgelerine esaslanmalydygyny aýtdy. 2



## HALK MASLAHATY – MILLI DEMOKRATIÝANYŇ AÝDYŇ ÝOLY

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň Garaşsyz Watanymyzy senagat taýdan ösen ýurda öwürmek, ilatyň hal-ýagdaýyny mundan beýläk-de gowulandyrmak boýunça öňde goýan belent wezipeleri halkymyzyň doly goldawyna mynasyp bolýar. Türkmenistanyň her bir raýaty öz zähmet çekýän pudagynda ýadawsyz zähmeti bilen Watanymyzyň mundan beýläk hem gülläp ösmegine mynasyp goşandyny goşýar.

Halk hojalygynyň dürli pudaklarynda amala aşyrylýan ösüşler Türkmenistany parahat, asuda, abadan ýurda öwürdi. Ýangyç-energetika, ulag-aragatnaşyk, elektroenergetika, dokma senagaty, himiýa pudagy, syýahatçylyk ýaly ugurlarda giň gerimli taslamalar amala aşyrylýar. 3

## GÜÝZLÜK BUGDAÝ EKIŞINE BADALGA BERILDI

4-nji sentýabrda ýurdumyzyň Ahal, Balkan, Daşoguz, Lebap we Mary welaýatlarynda geljek ýylyň hasyly üçin güýzlük bugdaý ekişine girişildi. Bu möhüm oba hojalyk möwsümi döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedowyň ak patasy bilen badalga aldy.



Hormatly Prezidentimiz 30-njy awgustda sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe daýhanlarymyzyň yhlasly zähmet çekip, ýerden bol hasyl almaklary üçin döwletimiz tarapyndan zerur şertleriň döredilýändigini belledi. Oba hojalygyny özgertmek, hususan-da, pudaga täzeçil tehnologiýalary, häzirki zaman ylmynyň gazananlaryny ornaşdyrmak, onuň önümçilik infrastrukturasyny döwrebaplaşdyrmak boýunça maksatnamalaýyn işler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Munuň özi pudagy mundan beýläk-de ösdürmek bilen çäklenmän, eýsem, ýurdumyzda azyk bolçulygynyň üpjün edilmeginde hem möhüm orna eýedir.

Asylly däbe görä, il sylagly ýaşulular Beýik Biribardan bol hasyly dileg edip, bugdaý tohumlaryny topraga sepdiler hem-de nobaty mehanizatorlara geçirdiler.

Ýurdumyzyň gallaçylary geljek ýylyň hasyly üçin niýetlenen ýerleri agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda taýýarlap, möwsüme jogapkärli çemeleşdiler. Ekişe bugdaýyň bol hasyl berýän görnüşleri taýýarlanyldy.

Bugdaý ekişiniň badalga almagy mynasybetli Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň «Ak üzüm», Balkan welaýatynyň Gyzylarbat etrabynyň «Batly mülkdar» daýhan hojalyklarynda, Daşoguz welaýatynyň Boldumsaz etrabynyň «Türkmenistan», Lebap welaýatynyň Çärjew etrabynyň «Watan», Mary welaýatynyň Wekilbazar etrabynyň «Türkmenistan» daýhan birleşiklerinde welaýat we etrap häkimlikleriniň wekilleriniň, daýhan birleşikleriniň ýolbaşçylarynyň, agronomlaryň, mehanizatorlaryň, gallaçy kärendeçileriň, hormatly ýaşulularyň gatnaşmagynda tejribe maslahatlary geçirildi. Olarda ekiş möwsümini guramaçylykly geçirmäge, bugdaýa ideg etmekde agrotehnikanyň kadalaryny öz wagtynda berjaý etmäge we öňdebaryjy tejribäni ulanmaga degişli meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Munuň özi daýhanlaryň bu möhüm oba hojalyk ekininden bol hasyl öndürmeklerinde wajyp ähmiýete eýedir.

Şeýle-de, ýurdumyzyň oba hojalyk önümleriniň we döwrebap tehnikalaryň sergisi guralyp, aýdym-sazly çykyşlar ýaýbaňlandyryldy.



## GARAŞSYZLYK – DÖWLETLILIK

1991-nji ýylyň güýzünde dünýäniň syýasy kartasynda Garaşsyz Türkmenistan döwleti peýda boldy. Berkarar döwletimiziň iň täze taryhy, biziň ösüşlerimiz we üstünliklerimiz dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen Garaşsyzlygymyzdan başlanýar. Geçen 33 ýyla golaý döwrüň dowamynda ýurdumyzda dünýä ýaň salan ägirt uly işler bitirilip, ähli ugurlarda asyrlara barabar ýol geçildi. Munuň özi eziz Diýarymyzyň durmuş-ykdysady ösüşleriň täze sepgitlerine tarap yzygiderli öňe barýandygyny, onuň halkara abraýynyň barha ýokarlanýandygyny görkezýär.

Ýurdumyz Garaşsyzlygyny alandan bäri ösüşiň uzak möhletleýin maksatlaryna ýetmekde möhüm şert bolan döwlet dolandyryşynyň netijeli ulgamyny döretmek esasy wezipe bolmagynda galýar. 3



### «Aramco» stadionynyň taslamasy hödürlendi

ABŞ-nyň «Populous» binagärlik studiýasy Saud Arabystanynyň El-Hubar şäherinde guruljak täze «Aramco Stadium» stadionynyň taslamasyny hödürledi. 47 müň orunlyk stadionyň 2027-nji ýylda geçiriljek Aziýa Kubogynyň esasy meýdançalarynyň biri boljakdygy tassyklanýar. 4

### Tyllaýy güýzüň bakja önümi

Güýz paslynda ýetişýän bakja ekinleriniň biri hem kädidir. Kädiniň düzüminde adama gerek bolan organik turşulyklar, pektin fermenti we birnäçe peýdaly maddalar bar. Olar aşgazan-içege ulgamynyň işini kadalaşdyrýar. 5



### Monzada «Ferrari» öňe saýlandy

Formula 1 boýunça möwsümiň 16-njy ýaryşy Italiýanyň Monza şäheriniň adybir trassasynda geçirildi. 53 aýlawdan ybarat bolan ýaryşda ýer eýesi «Ferrari» toparynyň monakoly sürüjisi Şarl Lekler ýeňiji boldy. 7






### UEFA Çempionlar Ligasynyň täze möwsüminiň bijeleri çekildi

UEFA Çempionlar Ligasynda täze möwsümiň bijeleri çekildi. UEFA-nyň iň uly klub ýaryşynyň umumylykda 70-nji möwsümi bolup, UEFA Çempionlar Ligasy adyny alanyndan soňky 33-nji möwsüm ozalkylardan üýtgeşik formatda geçiriler. 8

## Ýer ýüzüni aýlanan küýze

2014-nji ýylda Şotlandiýada tapylan küýzäniň Günbatar Aziýa degişlidigi we Ýer ýüzüniň ýarysyny aýlanandygy anyklandy. Şotlandiýanyň milli muzeýinde saklanýan wikingler döwründen galan Galloweý hazynasynyň bir bölegi bolan gabyň Sasanylar döwründe ýasalandygy anyklandy. Galloweý hazynasy diýlip atlandyrylýan taryhy eser 2014-nji ýylda metal gözleýji bilen geçirilen gözlegiň netijesinde tapylypdy. 2017-nji ýylda bu gymmat bahaly taryhy eseri Şotlandiýanyň Milli muzeýi satyn alypdy. Geçirilen soňky barlaglarda kümüş gabyň Günbatar Aziýa degişlidigi, onuň ýüzündäki nagyşlarda täjiň, oduň, geçigaplaňyň we gaplaňyň şekilleriniň bardygy ýüze çykaryldy. Nagyşlaryň zoroastrizm bilen baglydygy bellenildi. Gabyň ýüzündäki bir şekil Sasanylaryň pulunda hem gabat gelýär. Şekilde otdan çykyp duran täç bar.



Galloweý hazynasy «Britaniýada asyryň taryhy tapyndysy» diýlip atlandyrylypdy. Bu gymmatly eser «Galloway Hoard: Viking-age Treasure» ady bilen geçiriljek sergiler arkaly dürli muzeýlerde we galereýalarda köpçülige görkeziler.

**Nurtäç HALMYRADOWA,**
*Beki Seýtäkow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň mugallymy.*

## Iki tebigy hadysa bir suratda: biri ýerde, biri asmanda

Islandiýada gaýtalanmajak tebigy hadysa ýüze çykdy. Mälim bolşy ýaly, bu adada köp sanly wulkan bolup, olar köplenç atylýar. Ýurtdaky wulkanlaryň biri geçen ýylyň ahyryndan bäri altynjy gezek atylyp, gyzgyn läbik pürküp başlady. Adanyň günorta-günbatarynda bu hadysa bolup geçýän mahaly asmanda demirgazyk ýurtlaryna mahsus bolan demirgazyk uşygy hem peýda boldy. Şeýlelikde, iki tebigy hadysa birwagtda ýüze çykyp, görenleri haýran galdyrdy. Mälim bolşy ýaly, demirgazyk uşygy Ýer şarynyň demirgazygynda ýylyň belli paslynda gijelerine peýda bolýar. Ýaşyl-gök öwüsýän bu ýagtylyk yzygiderli üýtgäp, hiç biri beýlekisine meňzemeýär. Islandiýadaky wakada bolsa, hamana wulkan şol ýagtylygy özüne çekýän ýaly bolup göründi.



Bilermenler wulkanyň yzly-yzyna emele gelen ýertitreme zerarly atylandygyny çaklaýarlar. Wulkanda täze jaýrygyň peýda bolandygy çak edilýär.

## Mekdeplerde telefon ulanmak gadagan edildi

Niderlandlarda başlangyç mekdeplerde «akylly» telefonlaryň ulanylmagy gadagan edildi. Bu çäklendirme smartfonyň okuwçylaryň ünsüni bölýändigi we synaglaryň netijelerine täsir edýändigi sebäpli girizildi. Ýurtda mundan ozal has uly synpda okaýan okuwçylar üçin hem smartfon ulanylyşy gadagan edilipdi.



Ýurduň metbugatyndaky habarlara görä, Okuw, medeniýet we bilim ministrligi başlangyç synplarda okaýan okuwçylar üçin smartfon ulanylyşyny gadagan etmek kararyna geldi. Okuwçylara smartfon ulanmak diňe bellenen dersde okuw maksady bilen ýa-da saglyk ýagdaýy sebäpli fiziki çäklendirmesi bolan okuwçylara rugsat berilýär. Mundan ozal Gresiýada, Italiýada we Belgiýanyň fransuz dilli sebitlerinde hem şeýle çäklendirme girizilipdi. Germaniýada hem şeýle çäklendirmäniň girizilmegine garaşylýar.

## Uçar ýolagçylary artýar

Ýylyň başyndan bäri dünýäde uçar arkaly syýahat edýän ýolagçylaryň sany artýar. Halkara howa gatnawlary agentligi (IATA) iýul aýynda dünýäde uçar arkaly syýahat edýän ýolagçylaryň sanynyň geçen ýylyň degişli döwründäkiden 8 göterim ýokary bolandygyny mälim etdi. Howa gämileriniň dolulyk derejesi bolsa, 86,1 göterim bolupdyr.



Agentligiň ýolbaşçysy Willi Wolş iýul aýynda uçar syýahatyna bolan islegiň Afrikadan başga dünýäniň ähli sebitinde rekord derejä ýetendigini aýtdy. Onuň sözlerine görä, şu ýylyň tomus pasly Ýer şarynyň demirgazygynda uçar gatnawynyň iň ýokary derejä ýeten syýahatçylyk möwsümi bolupdyr. Wolş adamlaryň uçar bilen syýahat etmäge zerurlyk duýýandygyny belleýär.

# HALKYMYZYŇ ABADAN ÝAŞAÝŞY ÜPJÜN EDILÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Hormatly Prezidentimiz serhet goşunlarynyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň pugtalandyrylmagynyň möhümdigini belläp, gullugyň ýolbaşçysyna döwlet serhediniň ygtybarly goralmagyny üpjün etmek bilen baglanyşykly birnäçe tabşyryklary berdi.

Adalat ministri M.Taganow şu ýylyň ýanwar–awgust aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň, hususan-da, milli kanunçylygy döwrüň talaplaryna laýyk getirmek, düzümleýin edaralara sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça geçirilen işleriň netijeleri, kabul edilýän hukuk namalarynyň maksatlaryny raýatlara düşündirmek boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, kanunçylyk binýadyny hemmetaraplaýyn pugtalandyrmagyň häzirki döwrüň möhüm wezipeleriniň biri bolup durýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, ministre ýurdumyzyň kanunçylygyny kämilleşdirmegiň çäklerinde geçirilýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny taýýarlamak boýunça işlere işjeň gatnaşmak tabşyryldy.

Döwlet gümrük gullugynyň başlygy M.Hudaýkulyýew hasabat döwründe alnyp barlan işleriň netijeleri, bu düzümi ösdürmegiň maksatnamasyndan gelip çykýan wezipeleriň üstünlikli çözülmegi babatda görülýän çäreler, hormatly Prezidentimiziň ozal beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, gümrük gözegçilik-geçiriş nokatlarynda döwletimiziň çägine getirilýän harytlaryň talabalaýyk resmileşdirilmegini üpjün etmek üçin zerur işleriň ýerine ýetirilmelidigini belläp, gullugyň ýolbaşçysyna birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy A.Sazakow ýylyň başyndan bäri ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, edaranyň öňünde durýan möhüm wezipeleriň netijeli çözülmegi boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, gullugyň ähli düzümleriniň işini yzygiderli kämilleşdirmegiň zerurdygyny nygtady. Gullugyň üstüne ýüklenen wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek üçin dünýäniň oňyn tejribesini, milli kanunçylygyň esasy ýörelgelerini utgaşdyrmak zerurdyr diýip, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy aýtdy we işde öňdebaryjy maglumat tehnologiýalaryny has işjeň ulanmagy tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyz mejlisi jemläp, Watanymyzyň goranyş häsiýetli Harby doktrinasyna laýyklykda, Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzyň howpsuzlygyny we bitewüligini ýokary derejede üpjün etmek boýunça netijeli çäreleriň görülýändigini belledi. Döwletimiziň goranyş ukybyny pugtalandyrmaga, Watan goragçylarynyň, olaryň maşgala agzalarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmaga uly üns berilýär diýip, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy aýtdy we bu ugurdaky işleriň mundan beýläk-de dowam etdiriljekdigini nygtady.

Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisinde başga-da birnäçe meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

# BILIM – IŇ GYMMATLY BAÝLYK

Islendik döwletiň durnukly we sazlaşykly ösüşi ylym-bilim bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ýurdumyzda bu möhüm ugurlarda alnyp barylýan işleriň kämilleşdirilmegine uly üns berilýär. Ýakynda Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Berdimuhamet Annaýew adyndaky Ýöriteleşdirilen harby mekdebiniň, Ak bugdaý etrabynyň Bokurdak şäherçesinde 1200 orunlyk umumybilim berýän mekdebiň, Hojambaz etrabynyň Hojambaz şäherinde 960 orunlyk mekdebiň, Saýat etrabynyň Merýe geňeşliginiň Alpan obasynda 400 orunlyk mekdebiň, Mary şäherinde 500 orunlyk umumybilim berýän mekdebiň, şeýle hem Tagtabazar etrabynyň Sarýýazy obasynda 160 orunlyk çagalar bagynyň açylyş dabaralary boldy.

Bilimler we talyp ýaşlar güni diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, dostlukly ýurdumyz bolan Täjigistan Respublikasynda hem uly dabaralara beslendi. 2024-2025-nji täze okuw ýyly dostlukly döwletde möhüm binagärlik desgalarynyň dabaraly açylmagy bilen badalga aldy. Täjigistan Respublikasynyň Hatlon welaýatynyň Dusti etrabynyň Ergeş Sultanow daýhan birleşiginde gurlan Magtymguly adyndaky umumybilim berýän 540 orunlyk orta mekdep ulanmaga berildi. Onuň açylyş dabarasyna sanly ulgam arkaly iki döwletiň Prezidentleri gatnaşdylar. Dostlukly goňşy ýurtdaky täze bilim edarasynyň binalar toplumynyň gurluşygy Türkmenistanyň Prezidentiniň 2022-nji ýylyň dekabrynda gol çeken Kararyna laýyklykda, ýurdumyzyň gurluşykçylary tarapyndan alnyp baryldy.



Bilimler we talyp ýaşlar gününde ähli orta hem ýokary okuw mekdeplerinde dabaraly nyzamlar geçirildi. Ýurdumyzda täze okuw ýylynyň ilkinji sapagy bolsa «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylyna hem-de ýetip gelýän şanly senä – mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllygyna bagyşlandy.

Sözümizi jemläp aýtsak, ýurdumyzda bilim ulgamyny kämilleşdirmek babatynda beýik işler durmuşa geçirilýär. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlaryny mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bu ulgamy täze belentliklere çykarmak ugrunda edýän tagallalary netijesinde çagalar baglaryndan başlap, umumybilim berýän orta mekdeplere, ýörite orta we ýokary okuw mekdeplere çenli ähli bilim ojaklarynda ýaşlara berilýän bilim-terbiýäniň derejesi we hili düýpgöter özgerdi. Bu gün bilim ojaklaryndaky häzirki zaman kompýuterler, multimedia-interaktiw enjamlar, döwrebap okuw görkezme esbaplary bagtyýar nesliň hyzmatynda bolup, olaryň watansöýüjilik ruhunda terbiýelenmegine, döwrebap bilim-terbiýe almagyna, hünär öwrenmegine we sagdyn ruhly bolup ýetişmegine hyzmat edýär.

Ýaş nesliň döwrebap derejede bilim almagy üçin uly mümkinçilikleri döredip berýän türkmen halkynyň Milli Liderine, hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallygymyzy bildirýäris. Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza berk jan saglyk, eziz Watanymyzyň gülläp ösmegi we halkymyzyň bagtyýarlygy ugrunda durmuşa geçirýän köpugurly işlerinde täze üstünlikleri arzuw edýäris.

**Orazbibi BERDIÝEWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

# ÝOL HEREKETINIŇ DÜZGÜNLERINI BERJAÝ ETMEK HER BIRIMIZIŇ BORJUMYZDYR

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda adamlaryň asuda, abadan durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilen giň möçberli işler ýaýbaňlandyrylýar. Her ýylyň sentýabr aýynda geçirilýän «Ýol hereketiniň howpsuzlygy – ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlygyň çäklerinde hem ýurdumyzyň görkana ýollarynda hereket howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça wagyz-nesihat çäreleri, duşuşyklardyr maslahatlar geçirilýär. Ýurdumyzda döwrebap ýollaryň gurluşygynyň amala aşyrylmagy netijesinde, pudagyň işine möhüm ähmiýet berilýär. Ýollaryň asuda, abadan bolmagy üçin durmuşa geçirilýän bu beýik işler adam hakyndaky aladanyň aýdyň subutnamasydyr.

Ýurdumyzda raýatlarymyzyň saglygyna, howpsuzlygyna gönükdirilen «Ýol hereketiniň howpsuzlygy – ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlyk «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda hem guramaçylykly geçirilýär. Geçirilýän söhbetdeşliklere, duşuşyklara we maslahatlara jemgyýetçilik guramalarynyň işgärleri hem işjeň gatnaşýarlar. Her ýylyň sentýabr aýynda geçirilýän «Ýol hereketiniň howpsuzlygy – ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlygyň dowamynda ýaşlara öwüt-ündew etmek, ýol hereketiniň howpsuzlygyny düşündirmek, köçe-ýol hereketiniň düzgünlerini doly we dogry berjaý etmelidigini nygtamak, ýolyşygyň düzgünlerini, ähmiýetini düşündirmek maksady bilen guralýan




bu çäreler hemmeler üçin örän täsirli bolýar. Ulag ýollarynda özüňi alyp barmagyň medeniýeti pyýadalar we sürüjiler tarapyndan doly berjaý edilmelidir. Asudalygyň, abadançylygyň mekany bolan ata Watanymyzda adamlaryň bagtyýar durmuşda ýaşamagy döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Arkadagly Gahryman Serdarymyz ýurdumyzda ynsan saglygyny, onuň howpsuzlygyny gorap saklamak üçin ägirt uly tagallalary edýär. Bu ugurda geçirilýän biraýlygyň çärelerine ähli ildeşlerimiz işjeň gatnaşýarlar. Muny halkymyzyň abadan, sagdyn ýaşaýşy üçin durmuşa geçirilýän çäreleriň her birinde aýdyň göz ýetirmek bolýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe gözel Diýarymyzyň aýna ýaly ýollary döwrebap durmuşymyzy has-da gözelleşdirýär. Gara ýollarymyz dünýä standartlaryna laýyk getirilip hem-de barha giňeldilip, awtoulaglara edilýän hyzmatlar ýokarlandyrylýar. Ulag serişdeleriň sanynyň artmagy ýol hereketiniň gözegçilikde saklanmagyny talap edýär. Şunuň bilen baglylykda, ýol hereketiniň düzgünleriniň doly berjaý edilmegi ugrunda ýurdumyzyň ähli künjeklerinde möhüm işler alnyp barylýar. Bu düzgünleriň doly berjaý edilmegi diňe bir degişli gulluklara bagly bolman, eýsem, her bir raýatyň borjy bolup durýar.

**Derýa MAGSADOW,**
*TMÝG-niň Daşoguz welaýatynyň Akdepe etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni.*

# ILKINJI ZAWODY GURULDY

Şwesiýada dünýäniň ilkinji sink-ion batareýa zawody guruldy. Mälim bolşy ýaly, häzirki wagtda elektron enjamlarynyň tas ähli görnüşinde hem-de elektroulaglarda litiý-ion batareýalar ulanylýar. Emma hünärmenler litiý gorlarynyň çäklidigi we ony gaýtadan işlemegiň gymmada düşýändigi sebäpli batareýa öndürmegiň başga usullaryny gözleýärler. Sink-ion batareýalar bolsa, arzan hem-de daşky gurşawa zyýansyz bolmagy bilen tapawutlanýar. Sink tebigatda has köp duş gelýär hem-de ony gazyp almak aňsat. Mundan başga-da, sink gyzan wagty tutaşmaýandygy sebäpli batareýa öndürmek üçin has ygtybarly çig mal bolup biler. Şeýle-de bolsa, bu batareýalar litiý batareýalara garaňda has az energiýa saklap bilýär. Emma sink batareýalaryň ulanyş möhleti has uzak. Ýagny sink batareýalaryň artykmaç we kem taraplary bar. Her niçikde bolsa hünärmenler adaty batareýalara alternatiw bolýandygy üçin sink elementini ulanmagyň ähmiýetlidigini belleýärler.



Merkezi edarasy Stokgolmda ýerleşýän «Enerpoly» kompaniýasy dünýäde sink batareýalary öndürjek ilkinji äpet önümçilik desgasyny gurdy. Zawodyň geljek ýyl önümçilige başlamagyna garaşylýar. 2026-njy ýylda bolsa, desganyň önümçilik kuwwaty has-da artdyrylar. 6 müň 500 metre barabar ýerde gurlan zawodda her ýylda 100 MW/sagat energiýa kuwwaty bolan batareýa öndüriler. Sink-ion batareýalar Günden we ýelden alynýan elektrik energiýasynyň sarp edilenden artyp galan bölegini saklap, elektrik geçiriji ulgamy kadaly energiýa bilen üpjün eder.

**Ogulşeker ARBABOWA,**
*Aşgabat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

# IKI ESSE ARTDYRAR

Koreýa Respublikasynyň «Hyundai» kompaniýasy gibrid ýangyçly ulaglarynyň önümçiligini iki esse artdyrmagy meýilleşdirýär. Soňky ýyllarda dolulygyna elektrik energiýasy bilen işleýän ulaglar bilen bir hatarda gibrid ýangyçly ulaglara bolan isleg hem görnetin ýokarlanýar. Kompaniýa maýadarlaryň girdejilerini artdyrmak maksady bilen paýnamalarynyň 4 trillion wonluk (3 milliard dollar) bölegini hem yzyna satyn almagy meýilleşdirýär. Koreý brendi häzirki wagtda dünýäde önümçilik babatda üçünji orunda durýar. Kompaniýa diňe kiçi we orta ululykdaky awtoulaglaryň däl, eýsem, has uly ulaglaryň gibrid modellerini çykarmagy meýilleşdirýär. Şeýlelikde, kompaniýanyň gibrid ulaglarynyň sany 14-e ýeter. Kompaniýa 2030-njy ýyla çenli elektroulag önümçiligini ýyllyk 2 milliona ýetirmegi hem maksat edinýär.



Soňky ýyllarda «Ford Motor Co.», «Porsche AG» we «Mercedes-Benz Group AG» elektroulag önümçiligi babatda öňde goýan maksatlaryny azaldypdylar. Diňe elektroulag önümçiligi bilen meşgullanýan «Tesla Inc.»-iň bolsa üstümizdäki ýylda geçen ýylkydan (1,8 million) has az ulag öndürmegine garaşylýar. «Hyundai» kompaniýasy bir gezekki zarýady bilen has uzak aralyga gidýän gibrid ulaglary köpräk öndürmegi meýilleşdirýär. Täze «Hyundai»-lar bir gezekki zarýady bilen 900 kilometr ýol geçmäge ukyply bolar. Häzirki wagtda kompaniýanyň satuwynyň 12 göterimini gibrid ulaglar emele getirýär.

**Gülruh AŞYRDURDYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri» ylmy-önümçilik merkeziniň inženeri.*

## Begenjimiziň çägi ýok

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň bagtyýar raýatlarynyň durmuşy ýatdan çykmajak taryhy senelere beslenýär.

Meniň üçin hem «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly ýatdan çykmajak taryhy ýyllaryň biri boldy. Maňa ýurdumyzyň abraýly ýokary okuw mekdepleriniň biri bolan Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň ýewropa dilleri fakultetine okuwa girip, talyp bolmak bagty miýesser etdi.



Türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyz «Bilim täzelenişiň we döredijiligiň çeşmesidir» diýip belleýär. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow «Ylym ýaşlaryň özlerine, şu gününe we geljegine bolan ynamyny ösdürýär, ylymly ýaşlar döwletimiziň kuwwatly güýjüdir, halkymyzyň belent maksatlara ýugrulan nurana geljegidir» diýýär.

Biz hem Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň biz - ýaşlara ynam bildirip, durmuşa geçirýän beýik başlangyçlaryna jogap edip, gujur-gaýratymyzy gaýgyrman okajakdygymyza söz berýäris. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, başlary dik, alyp barýan il-ýurt bähbitli işleri hemişe rowaç bolsun!

**Guwanç SANGULYÝEW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň 1-nji ýyl talyby.*

* * *

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly meniň ýaşlyk hakydama altyn harplar bilen ýazyljak ýyllaryň biri boldy. Çünki bu ýylda maňa ýurdumyzyň baýry ýokary okuw mekdepleriniň biri bolan Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň bagtyýar talyby bolmak bagty miýesser etdi. Dilleriň dünýäsinde okamak, dünýä dillerini kämil derejede öwrenmek uly bagtdan nyşandyr. Ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda daşary ýurt dillerini öwrenmäge we ukyp-başarnygymyzy açyp görkezmäge giň mümkinçilikler döredilýär. Ýaşlaryň sagdyn ösüp kemala gelmegi, dünýä ülňülerine laýyk gelýän derejede okap, bilim almagy ugrunda bimöçber aladalary edýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun, tutýan beýik tutumlary diňe rowaçlyklara beslensin!



**Kseniýa ZINKINA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň 1-nji ýyl talyby.*

## Syýahatçylykda rekord goýdy

Dünýäniň syýahatçylyk babatda ösen ýurtlarynyň biri bolan Ispaniýa şu ýylyň başyndan bäri bu pudakdan rekord derejede girdeji gazandy. Ispaniýanyň milli statistika institutynyň (INE) ýaýradan maglumatyna görä, ýylyň ýanwar-iýul aýlarynda 53 million 370 müň syýahatçy bu ýurda barypdyr. Bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwründäkiden 12 göterim ýokary bolupdyr. Diňe iýul aýynda bolsa, ýurda baran myhmanlaryň sany 10 million 900 müň bolupdyr. Bu ugurdan alnan girdeji bolsa, 7 aýyň dowamynda 71 milliard ýewrodan geçip, geçen ýylyň degişli döwründäkiden 18,6 göterim ýokary bolupdyr.



Adatça, dünýäde syýahatçylyk pudagynda Fransiýa birinji, Ispaniýa ikinji ýerde durýar.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Sentýabr aýynyň 6-sy, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-114709
Belgisi: 36/1602
Tiražy: 9047
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# HALK MASLAHATY – MILLI DEMOKRATIÝANYŇ AÝDYŇ ÝOLY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şäherlerimiziň we obalarymyzyň binagärlik keşbi düýpli özgerýär. Olarda ýokary amatlykly ýaşaýyş jaýlary, täze mekdepler, çagalar baglary, saglygy goraýyş merkezleri we medeniýet öýleri, stadionlar hem-de şypahanalar, beýleki durmuş-ykdysady desgalar gurulýar. Netijede, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi yzygiderli ýokarlanýar. Çünki ykdysadyýetimiziň sazlaşykly ösmegine, pudaklaryň bäsleşige ukyplylygyny



ýokarlandyrmaga, ylym-bilim, saglygy goraýyş, medeniýet, sport we syýahatçylyk ulgamlaryny kämilleşdirmäge gönükdirilen giň gerimli maksatnamalar üstünlikli amala aşyrylýar.

Giň gerimli demokratik özgertmeler jemgyýetçilik-syýasy gatnaşyklaryň ösüş derejesiniň, döwlet häkimiýetiniň, raýat jemgyýetiniň institutlarynyň kämilleşmegine-de uly ýardam berdi. Garaşsyzlyk bizi täze belentliklere göterdi. Syýasy asudalygy halkyň jebisligini has-da berkitdi. Il-günüň bagtyýar durmuşynyň kanunçylyk-hukuk kepiline öwrüldi. Türkmenistanda ýokary wekilçilikli häkimiýet edarasy – Halk Maslahaty döredildi. Ol türkmen halkynyň döwleti dolandyrmagyň asyrlaryň synagyndan geçen demokratik däplerinden, durmuş ýörelgelerinden gözbaş alýar. Halk Maslahatynyň döredilmegi bilen, wekilçilikli we kanun çykaryjy häkimiýetiň konstitusion hukuk ýagdaýy täzeçe kesgitlenildi.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň Kararyna laýyklykda, Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisini şu ýylyň 24-nji sentýabrynda çagyrmak we ony Aşgabat şäherindäki Maslahat köşgünde geçirmek bellenildi. Häzirki günlerde ýurdumyzda bu umumymilli foruma ýokary derejede taýýarlyk görülýär.

Halk Maslahatynyň her bir mejlisi demokratiýamyzyň milli däpleriniň döwrebap röwüşde dowam etdirilýändiginiň özboluşly subutnamasyna öwrülýär. Agzybir halkymyzyň bähbitlerini esasy orunda goýýan bu ýokary wekilçilikli edaranyň alyp barýan işleriniň çuňňur mazmunynda döwletiň we raýatyň gatnaşyklarynyň häzirki zaman dünýäsiniň ýokary talaplaryna esaslanmak arkaly, milli kanunçylyk ulgamynyň çäklerinde örän oýlanyşykly, döredijilikli, sazlaşykly ýola goýlandygyna doly göz ýetirmek bolýar. Şunda halkymyza mahsus ruhy-ahlak gymmatlyklaryň, asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alyp gaýdýan ýol-ýörelgelerimiziň bu babatdaky umumadamzat gymmatlyklary bilen sazlaşykly utgaşdyrylmagy guwandyryjydyr.

Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde ara alnyp maslahatlaşyljak möhüm wezipeler hem-de kabul ediljek ilhalar çözgütler ýurdumyzyň berkararlyk ýyllary içinde gazananlaryny pugtalandyrmakda, bagtyýar durmuşymyzyň binýadyny berkitmekde egsilmez güýje öwrüler. Şeýle-de, durmuş-ykdysady, medeni-ynsanperwer, jemgyýetçilik-syýasy, kanunçylyk-hukuk ulgamlarynda täze taryhy eýýamyň belent sepgitlerine ýetmekde mynasyp orny eýelär. Munuň özi Watanymyzyň dünýä dolan şan-şöhratyny täze belentliklere göterip, milli demokratiýanyň hem-de halk bilen döwletiň bitewüliginiň, jebisliginiň gazanylýan ähli üstünliklerdäki mynasyp ornuny ýene bir ýola jümle-jahana ýaýar.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň altyn güýz paslynyň ilkinji aýynda geçiriljek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisi ýurdumyzyň, halkymyzyň durmuşynda taryhy waka öwrüler. Onda kabul ediljek çözgütleriň bagtyýar raýatlarymyzyň buýsançly başlaryny göge ýetirjekdigini, olaryň kalplaryny buýsanja beslejekdigini ynam bilen aýdyp bileris.

Gözel paýtagtymyz Aşgabat şäherinde agzybirlikde, jebislikde geçiriljek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisi Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgesiniň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe rowaçlyklara beslenýändigini nobatdaky gezek görkezer hem-de täze taryhymyza altyn harplar bilen ýazylar.

**Kuwwat DURDYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# GARAŞSYZLYK – DÖWLETLILIK

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Esasy Kanunymyzyň kabul edilmegi jemgyýetçilik-syýasy gatnaşyklaryň özgermegini şertlendirdi. Döwlet-hukuk institutlarynyň mazmunyna, döwlet häkimiýetiniň guralyşyna düýpli üýtgetmeler girizildi. Konstitusiýada Garaşsyzlyga uly orun berlip, ol syýasy özgertmeleriň kadaly dowam etmegi üçin binýat bolup hyzmat etdi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz: «Garaşsyzlyk ata Watanymyzyň berkararlygyny, şan-şöhratyny we abraý-mertebesini dünýä ýaýýan beýik gymmatlygymyzdyr» diýip nygtaýar. Şol şöhratly ýyllarda gazanylan ösüşler türkmen halkynyň agzybirlikde, jebislikde ýetip bilmejek menziliniň ýokdugyny äleme äşgär etdi. Türkmenistan döwletimiz taryhy jähetden alanyňda örän gysga döwrüň içinde dünýäniň iň kuwwatly döwletleriniň hatarynda mynasyp orun eýeledi.



Garaşsyz Türkmenistanyň ösüş ýolundaky ýetilen sepgitleriň netijelerine taryhy nukdaýnazardan göz aýlap, durmuşyň ähli ugrunda uly ösüşleriň gazanylandygyna guwanýarsyň. Türkmen halky öz milli mirasyna, ata-babalarymyzyň ýol-ýörelgesine sarpa goýmak bilen, agzybirlik bilen döredijilikli zähmet çekip, eziz Watany gül-gülzarlyga, täze üstünliklere beslemegi başarýar. Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzy has-da kuwwatlandyrmaga, il-günüň bagtyýar durmuşyny kepillendirmek boýunça täze maksatnamalara badalga bermegi ýurduň uzak möhletleýin ösüşini nazarlaýar. Häzirki wagtda kabul edilýän milli maksatnamalar ýurdumyzda geçirilýän ykdysady özgertmeleriň netijeliligini işläp düzmäge ulgamlaýyn çemeleşilmegini üpjün edýär. Giň gerimde durmuşa geçirilýän ykdysadyýeti senagatlaşdyrmak syýasaty täze iş orunlarynyň sanynyň artmagyna, ýurduň senagat kuwwatynyň pugtalandyrylmagyna gönüden-göni täsir edýär. Şol bir wagtda bu maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegi ykdysadyýeti çig mal öndürýän ugurdan ýokary tehnologiýalar senagatyna daýanýan innowasion ugra öwürmäge mümkinçilikleri açýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe giň gerimli taslamalar durmuşa geçirilýär, köp gatly döwrebap binalar gurulýar, şäherleri täze ajaýyp künjekler bezeýär, iri ilatly ýerler peýda bolýar, müňlerçe kilometre uzaýan awtobanlar, polat ýollar gurulýar, halkara ähmiýetli ulag düzümi kemala getirilýär. Welaýat merkezleriniň keşbi gözümiziň alnynda özgerýär. Sebitlerde durmuş maksatly desgalar, edara binalary, amatly ýaşaýyş jaýlary, önümçilik kärhanalary yzygiderli ulanmaga berilýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda ekologiýa taýdan arassa, energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalara, seýilgäh zolaklaryna niýetlenen düzümlere degişli bolan taslamalara aýratyn ähmiýet berilýär. Şunuň bilen bir hatarda, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmakda esasy şertleriň biri bolan ýerli çig maldan gurluşyk serişdelerini öndürýän pudaga döwletimiz tarapyndan goldaw berilýär. Toplumlaýyn durmuş-ykdysady maksatnamalaryň çäklerinde ýurdumyzyň ähli künjeginde ýaýbaňlandyrylan giň möçberli gurluşyklar ýokary hilli gurluşyk serişdelerine bolan islegiň ýokarlanmagyny, ýerli çig mallaryň binýadynda olaryň önümçiliginiň ösdürilmegini şertlendirdi. Bu bolsa önümçilik toplumlarynyň kuwwatyny pugtalandyrmaga, ýokary hilli gurluşyk serişdeleriniň, beýleki önümleriň öndürilişiniň möçberini artdyrmaga gönüden-göni ýardam edýär.

Garaşsyzlyk döretmäge kuwwat, zähmet çekmäge, gurmaga güýç, parahatçylygy we dostlugy pugtalandyrmaga egsilmez ylham berýär. Şoňa görä-de, mähriban halkymyz Garaşsyzlyk gününe bagtyýarlygyň we berkararlygyň beýik baýramy hökmünde aýratyn sarpa goýýar. Ýurdumyzy has-da gülledip ösdürmek we öňde goýlan belent wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek ugrunda yhlas bilen zähmet çekýän halkymyzyň kalbynda buýsanç duýgusyny döredýär.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda şanly Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllygyna uly ruhubelentlik bilen barýarys. Şu ajaýyp günlerde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Diýarymyzyň gazanýan üstünliklerini wagyz etmekde, ýaş nesillerde medeni mirasymyza söýgi döretmekde uly işler alnyp barylýar. Mukaddes Garaşsyzlygymyza buýsanýan halkymyzyň Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza buýsançlary çäksizdir.

**Jomart AKMÄMMEDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# NER-MAÝA ÇYRPYNAN OTLY ÝAÝLAGYM

2023-nji ýylyň 6-njy dekabrynda Birleşen Milletler Guramasy Ýer ýüzünde millionlarça hojalyklaryň we maşgalalaryň medeni durmuşynda hem-de azyk üpjünçiliginde uly orny eýeleýän düýeleriň ähmiýetini we ornuny dabaralandyrmak maksady bilen, 2024-nji ýyly «Düýeleriň halkara ýyly» diýip yglan etdi. Bu halkara resminama Ýer ýüzüniň ilaty tarapyndan şatlyk bilen kabul edildi.

Dünýä halklarynda we jemgyýetçilik durmuşynda düýeler iň peýdaly jandarlaryň biri hökmünde ulanylýar. Gündogar edebiýatynda we akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň gazallarynda düýäniň piri Weýis baba,



Salyh pygamber hem-de ojaklaryň mukaddes sekiz haýwanynyň biri düýe hasap edilip görkezilýär. Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň lirikasynda düýedarçylyk medeniýetiniň gymmatlyklary, leksik aňlatmalar asyl we göçme manylary aňladýan, salgylanma, deňeşdirme, meňzetme görnüşlerde beýan edilýän çeper galyplarda teswirlenýär. Olaryň iň görnükli nusgalarynyň sanawyna «Gözlemeýän bolarmy», «Gürgeniň», «Guluň boldum», «Ýar çeker», «Rysman dakarlar», «Andadur», «Dursa gerekdir», «Bizge rowana», «Alnyňda», «Munda çilimkeş», «Görüm görülmegen ýerde», «Gybatkeş», «Alan ýagşydyr», «Näbilsin», «Türkmeniň», «Är ýanynda bellidir», «Gelse gerekdir», «Çatyp bolmaýyr», «Jan içinde», «Bikararam dogrusy», «Gadryn näbilsin», «Bitmek gerek», «Ötüp baradyr», «Bular gelmedi», «Bagtym garadyr», «Aşyk bolmuşam», «Ýar eýlär», «Ýör biläni», «Tekepbirlik eýlär», «Aýrylsa», «Çowdur han» ýaly onlarça şygyrlaryny goşmak bolar. Dünýä edebiýatynyň tanymal söz zergäri Magtymguly Pyragynyň «Arwananyň ýüki galmaz, Ýola girseň ner biläni», «Ýatsa kerwen ýaman ýerde, Serdar mugtaberlik eýlär», «Kerwen ýata bilmez gorkuly ýerde», «Bezirgenler mydam ýola bil baglar», «Bezirgenler yrak ýolun unutdy», «Sähraýa aşyk bolmuşam», «Hindistana bezirgenlik kylanlar», «Agyr bezirgenli tüçjar eýeler», «Bir bezirgenem menem», «Mugjyz ile Salyhyň daşdan çykypdyr maýasy», «Bezirgenler gider Mazenderana», «Saraý weýran kerwenimi ugratdym», «Sarwanym azaşdy, dargady malym», «Akmaýa aldyrsa elden köşegin», «Hatarlanşyp duran iner, maýalar», «Iner olumyndan däli, Gürgeniň», «Göýä ki bir sarwan men», «Ner, bugra sypatly uçgun çykarlar», «Niçesi bugra dek, niçesi ner dek», «Hataryň görküdir maýalar, nerler», «Diňle sözüm, ner zarbyny ner tanyr», «Arwananyň kuwwaty, Ner ýanynda bellidir», «Çöle çykyp maýa bozlar, Torum göze ilmeginçe», «Çyrpynşar çölünde neri, maýasy», «Töwekgel ner behm eder», «Hyra ner dek ak köpükler saçypdyr», «Ulag bardyr uzak ýollar geçmäge», «Ýeke eşekli: «At ber, esrik ner» diýer», «Iman bile barsaň, ner dek bolar sen!», «Gäp-günähiň ýat edip, tur säherler ýyglagyl» «Töwekgel ner erer, endişe maýa», «Tiwe ýaňlyg ýatan dagda daşlary, Gol bilen göterip, atyp bolmaýyr», «Çille mest nerlerimiz barça ýaýylsyn», «Ner-maýa çyrpynan otly ýaýlagym», «Sagy erkek, soly dişi», «Gürbeden şir bolmaz, göhertden ner bolmaz», «Bady-şütri münüp elwana ýörsem», «Magtymguly, kimse deşdedir, sarwan», «Hatardan azaşdym, kerwende eken», «Hatarlanyşyp kerwen öter», «Gelleban arbaba dönüp, bolmuş arbaplar emir», «Her göhertden bugra bolmaz, ner bolmaz», «Ulag gadryn bilmez, kişi armasa», «Düýe aýdar: «Otlar men», «Bir mada eşek dek gelip sen deme» diýen parasatly, hümmetli setirleri düýedarçylyk leksikasy bilen berk baglanyşyklydyr.

Şahyryň döredijiliginde duş gelýän «Ebabil-eshabil filge gowuşdy» diýen edebi setirleriniň mazmunynda hem düýedarçylyk kyssalarynyň gadymy taryhy hekaýatlary jemlenýär. Akyldar şahyryň döredijiliginde geçmişde rozygäriň rowaly roýlaryna, sapaly sähralaryň serwerine, sadykly saçaklaryň sakysyna, alaňly hazynalaryň haýdaryna deňelen, husnuny hakyň halan, ýollaryň kerwen hatarlarynda zynatly lagla öwrülen, erenleriň mübäreklän, ýowşan ysly jöwzaly çölleriň janly, jepakeş «ulagy» hökmünde sarpalanýan düýeler bilen bagly çeper, meňzeş bolmadyk köptaraply many gatlaklaryndaky dürli sözleriň işjeň we dowamly ulanylýandygyny görmek bolýar. Edebi dilde düýe adalgasy mähriban we söýündiriji çölüň tebigy şertlerine çalt uýgunlaşýan, goşatoýnakly, boýy 3 metre golaýlaýan, agramy 450-800 kilograma barabar ölçeglerde bolýan, alaňlaryň, ürgün çägeleriň, ymgyr giň sähralaryň iň gazaply we ýowuz howa gurşawlarynda ýaşamaga ukyply jandar hökmünde çykyş edýän haýwanat dünýäsiniň bir maşgalasynyň kuwwatly wekilleriniň umumylygyny aňladýan leksik birlik hökmünde peýdalanylýar. Pygamberleriň ulagy hasap edilýän düýäni ýagşyzadalar ýük daşamakda wepaly dost, ýörände mähriban egindeş, ajyganda ojaklaryň supra lezzetiniň başy, lybasda törde oturdýan zerbaply don, mülkleriň uzak ýaşly syrdaşy, üstüni toýlaryň galasy hökmünde ykrar edipdirler.

Gündogaryň edebiýatynyň halk döredijilik eserlerinde düýeleriň sabyrly, wepaly, gaýratly, ezber, berdaşly, gujurly, ezizlenilýän, berekediň müň dürli, ýatkeş, endikleri çalt kabul edýän, düşbi, duýgur, gabanjaň, agyr ýük götermäge ukyply häsiýetleri, bezeg serişdeleri barada edebi, taryhy hakykatlaryň beýanlary, tymsallar, meňzetmeler köp duş gelýär. Taryhy gollanmalarda at gije-gündizligiň, dowar aýlygyň, düýe ýyllygyň baýlygy hökmünde teswirlenýär. Edebi sähralarda iner ýüküni çeken Magtymgulynyň yzzatly, jadyly setirlerinde «bezirgen» sözi düýe kerweni bilen söwda-täjirçilik edýän adamy, «arwana» sözi ýeke örküçli adaty türkmen düýesini, «akmaýa» sözi arwana bilen bugradan gaýan urkaçy, owadan, ýuwaş, süýtli, dürli reňklerdäki inen düýäni, «tiwe» sözi oguz sözleýşinde düýäni, «torum» sözi bir ýaşdan iki ýaş aralygyndaky düýäni, «sarwan» sözi düýe sürüsiniň çopanyny, «bota» sözi düýäniň täze bolan köşegini, «gelleban» sözi köp sanly düýe sürüsiniň sakçysyny, «ner» sözi nazarkerde, güýçli, 3-12 ýaş aralygyndaky arwana bilen bugradan gaýan düýäni , «maýa» sözi ýeke örküçli düýeleriň iki örküçli düýeler bilen jübütleşmeginden bolan täze nesliň ineni, arwana bilen bugradan bolan düýäni hem-de ähli häsiýetleri babatda gözel düýäni, «kerwen» sözi tirkeş-tirkeş hatarly düýeleriň düzümi, «dişi» sözi kerwen hatarlarynda bereket, sahawat getirýän düýeleri, «bugra» sözi iki örküçli aýry düýäni, «göhert» sözi inerden gaýan arwanadan bolan düýäniň erkek görnüşini, «köşek» sözi botlandan bir ýaşyna ýetýänçä bolan düýäni, «gäp» sözi ýumşak, arassa, päkize köşek derisini, «bady-şütri» sözi hereketleri çalasyn, çeýe, ýüwrük düýäni, «mada» sözi ýaş arwana urkaçy düýäni aňladyp gelýär we göçme manylarda köptaraply wasp edilmekde işjeň ulanylandygy aýdyň bolýar. Münewwer, zerli setirleri ruhy ylhama, durmuş rowaçlyklaryna we tebigat gözelliklerine, mukaddesliklerine hyjuwlandyrýan ussadyň eserlerinde düýedarçylyk leksikasy boýunça köp wasp edilýän sözleriň düzüminde ilkinji basgançagy bugra, iner we maýa sözleri eýeleýärler.



**Dädebaý PÄLWANOW,**
*Görogly etrap häkimliginiň hünärmeni.*

# MUGALLYM – BELENT SARPA MYNASYP YNSAN

Ertir 1-nji sentýabr günüdi. Agşam işlerimi birýüzli edip, internet sahypalarynda ýerleşdirilen täzelikler bilen tanşyp başladym, internet ýazgylarynyň birinde: «Salam, mugallym! Gör, nähili gulaga ýakymly eşidilýän sözler. Elbetde, dünýäde iň hormatly käriň haýsydygy barada soralsa, «mugallymçylyk» diýip jogap bererdim. Sebäbi mugallym öwredýän ussat, öz ömrüni ylym öwretmek ýaly asylly işe bagyş edýän beýik ynsandyr. Mekdep ýyllaryny mugallymsyz göz öňüne getirmek asla mümkin däl» diýen setirlere gözüm düşende biygtyýar çagalyk ýyllarym ýadyma düşdi. Elbetde, mährem ene perzentleri üçin ilkinji mugallym we ilkinji basgançakdyr. Ýaşaýşyň dowam etmegi bilen aýlar, ýyllar aýlanyp, çaga belli bir ýaşyna ýetensoň maşgalanyň islegine görä çagalar bagyna berlip, çaga üçin eýýäm ikinji mugallym, ýagny terbiýeçi bolup ikinji basgançaga çykyp başlaýar. Çagajyklar çagalar bagynda terbiýeçiniň, ýagny ikinji mugallymyň olara berýän mähir-yhlasy netijesinde ýuwaş-ýuwaşdan durmuşa ädim ädip başlaýar. Çagalar bagynda terbiýeçi mugallymlar çagalaryň elinden tutup, ak kagyzyň ýüzüne çyzgyjyklar çekip, olaryň kitaba, surata bolan höwesini oýaryp başlaýarlar. Elbetde, çaga mekdebe taýýarlygy çagalar bagyndan başlap öwrenip başlaýar. Soňra mekdep ýaşyna ýetende 1-nji sentýabr güni, mähriban ene-atalarynyň elinden tutup, mekdebe baryp, özlerine berkidilen mugallym bilen garşylaşýarlar we durmuşyň üçünji basgançagyna tarap ýola rowana bolup başlaýarlar.



Ýadyma düşýär, mährem käbäm ekiz taýym Almagül ikimiziň elimizden tutup Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda ýerleşýän 1-nji orta mekdebiň saýaly baglardan doly owadan howlusyna elteninde içi okuwçy oglan-gyzlardan doly mekdebe haýran galyp seredýärdik. Soňra mekdebiň okuw müdiri Çary mugallym bizi bir kiçiräjik okuw otagynyň gapysyna getirip: «Ine çagalar, size berkidilen mugallym» diýip, ak ýüzli, uzyn boýly, görmegeý mugallym gyz bilen tanyşdyrypdy. Mugallymymyz Dürli Orazowa mähirli ýylgyryşy bilen bizi garşylapdy. Elbetde, mugallymyň güler ýüzi, ilkinji nobatda, täze okuwa gelen okuwçy üçin iň zerur şatlykdy.

Mekdep ýatlamalaryny mugallymsyz göz öňüne getirmek asla mümkin däl. Mugallymlar sanlaryň syrlaryny açýarlar, okuwçylary dünýä medeniýetiniň ajaýyp eserleri bilen tanyşdyrýarlar, olara tebigatyň kanunlaryny düşündirýärler. Mugallymyň bagty okuwçylarynyň ýeňişleri bilen baglydyr. Mugallym ähli hünärmenleri, şol sanda mugallymlary-da ýetişdirýän şahsyýetdir. Gysgaça aýdylanda, mugallym ähli hünärdäki adamlaryň mugallymydyr. Heňňamyň dürli-dürli pursatlaryny şol bir ýodadan gatnap, şol bir işikden girip-çykyp geçirmek ussatlyga ýetirýär. Ýaş nesillere beýik döwrümize mynasyp, milli ruhy ýörelgelerimize laýyklykda bilimdir terbiýe bermekde mugallymlara mukaddes we jogapkärli wezipe ynanylýar. Mugallym sahawatly, adalatly, paýhasly we ynsanperwer ynsandyr. Ine, şonuň üçin mugallymçylyk käri iň hormatly kärleriň biri hasaplanýar. Mugallym bilim bermek bilen bir hatarda, ösüp gelýän ýaş nesle talabalaýyk terbiýe berýän ynsandyr. Mugallymçylyk käri beýleki kärlere garanyňda öz hormaty we sylagy bilen düýpli tapawutlanýar. Her kärde bolşy ýaly, mugallymçylykda-da üstünlik gazanmagyň esasy şerti öz käriňi söýmekdir. Mugallym okuwçylaryna terbiýe berýän, ýagşy edim-gylymlary, zerur endikleri öwredýän, maslahat berýän, edil ene-atalary ýaly olar barada alada edýän mähriban adam bolup, okuwçylaryna matematikanyň sadaja hasaplamalaryndan başlap, çylşyrymly himiki täsirleşmelere çenli bilim dünýäsiniň inçe syrlaryny öwredýärler. Şonuň üçin hem olara okuwçylarynyň üstünliklerini görmekden uly bagt ýokdur. Okuwçylar üçin bolsa mugallymyň «berekellasy» iň gymmatly sowgatdyr.

«Orta mümkinçiligi bolan mugallym gürrüň berýär, gowy mugallym düşündirýär, ajaýyp mugallym görkezýär, akyldar mugallym ruhlandyrýar» diýen pähim bar. Mugallymyň okuwçylaryndaky aýratynlyklary görmek we olary kämilleşdirmek ukyby nygtalmaga mynasyp. Beýle zehin bolsa her kese nesip etmeýär. Diňe mugallymlar çagalar bilen şeýle kän wagt geçirip, agşamlaryna bolsa ertirki dersiň mazmunyny ýazyp hem-de bu işlerden lezzet alyp bilýärler. Mugallym edil ene-atalar ýaly, okuwçy orta mekdebi tamamlaýança, hemişe ýanynda bolup, durmuşda dogry ýoly saýlamaga kömek edýär. Şonuň üçin 1-nji sentýabr diýlende mekdep, okuwçy we mugallym ýadyňa düşýär, sebäbi bularyň hemmesi biri-biri bilen berk baglanyşykly. Durmuşymyzy mekdepsiz, mekdebi okuwçysyz, olaryň ikisini bolsa mugallymsyz göz öňüne getirmek asla mümkin däl. Okamagy, ýazmagy öwredýänlere mugallym diýip ýüzlenmek bilen, olara belent sarpa goýulýar. Mugallym sözüniň asyl manysynyň öwredijidigini bilmeýän ýokdur. Ol hemişe öwrediji, hemişe halypa. Ýaş nesli okatmak, terbiýelemek bilen hakyky watançylary ýetişdirmegi mugallymyň abraýyny beýgeldýär.

Mugallym-beýik ynsan. Ol öz ömrüni bilim bermek işine bagyş edip, okuwçylaryny belent maksatlara ýetmäge, olaryň ukyp-başarnyklaryny ýüze çykarmaga, şahsyýet hökmünde durmuşda öz ornuny tapmaga ruhlandyrýar. Durmuşda mugallym aýratyn uly orna eýedir. Ýaşlykda her bir adam mugallymyndan görelde alýar. Şonuň üçin bilim beren mugallymyň unudylmaýar. Mugallym hakynda ýazyjy-şahyrlar ençeme goşgulary döretdiler, kämil eserleri ýazdylar. Şeýle eserleriň içinde belent wasp hem bardyr, sarpa hem kändir. Bu, elbetde, mugallymyň hemmeler üçin halypa, terbiýeçi hökmünde garalýanlygydyr. Halkymyzda bilim öwrenmek, ylymly bolmak asylly ýörelge hasaplanýar. Şonuň üçin hem ýaşlaryň terbiýesi mukaddes hasaplanýar. Ene-ata çaga terbiýe berýär, mugallym bu terbiýäni ösdürýär, bilim öwredýär, ylymly bolmagyna ýardam edýär. Şeýle beýik işleri üçin biz mugallyma «Meniň mugallymym» diýip ýüzlenýäris. Elbetde, mugallymlar şeýle belent sarpa mynasyp. Işini, okuwçylaryny söýýän mugallym kämil mugallymdyr. Ýaş nesliň aladasyny edip, olaryň begenjine begenip, gynanjyna gynanyp bilýän, olara terbiýe berip, bilim öwredýän ynsan mugallymdyr.



Aslynda «Mugallym – ähli mugallymlaryň hem mugallymydyr» diýip dogry aýdýarlar. Bilşimiz ýaly, bilim ulgamyndaky ähli ugurlarda hünärmenleri ýetişdirýän mugallymdyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe öňde duran belent maksatlary durmuşa geçirmekde mugallymlaryň zähmetine möhüm orun degişli bolup, olara uly ynam bildirilýär. Ýurdumyzda bilim ulgamynyň işini döwrebap ýola goýmak we ony täze sepgitlere ýetirmek üçin ähli şertleri döredýän we mugallymlara uly sarpa goýýan hormatly Prezidentimiziň halk bähbitli, döwlet ähmiýetli tutumly işleriniň mydama rowaçlyklara beslenmegini, janynyň sag, ömrüniň uzak, belent başynyň aman bolmagyny arzuw edýäris.

**Hurmagül ANNAGURBANOWA,**
*Bäherden etrap bedenterbiýe we sport bölüminiň KAIG-nyň başlygy, tälimçi-mugallym.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
gysga setirlerde



▶ **Moneniň kartinasy auksiona çykar.** Fransuz suratkeşi Klod Moneniň 1897-1899-njy ýyllar aralygynda çeken «Suw lilýalary» kartinasy 26-njy sentýabrda Gonkongda «Christie's» auksionyna çykarylar. Döredileni bäri 125 ýylyň içinde ilkinji gezek satuwa çykarylýan kartina 25-35 million dollar aralygynda baha kesilýär.



▶ **121 ýyldan soň gowşan hat.** Suonsidäki (Uels) gurluşyk jemgyýetiniň işgärleri 1903-nji ýylyň 23-nji awgustu bilen senelenen haty aldylar. Hat Lidiýa Dewis diýen biriniň salgysyna ýazylyp, Pembrukşirdäki Fişgard şäherinden iberilipdir. Patyşalyk poçtasynyň wekili hatyň poçtada saklanman, golaýda ugradylan bolmagynyň mümkindigini çaklady.



▶ **Braýantyň hormatyna krossowka.** ABŞ-nyň «Nike» kompaniýasy meşhur basketbolçy Kobi Braýanta bagyşlanan täze «Kobe 8 Protro Lakers Home» krossowkalaryny hödürledi. Krossowkalar 6-njy sentýabrda 180 dollar baha bilen satuwa çykarylar. Krossowkalar «Nike» dükanlarynda we kompaniýanyň hyzmatdaşlarynda elýeterli bolar.



▶ **Hanumanyň heýkeli dikeldildi.** ABŞ-nyň Tehas ştatynda hindi hudaýy Hanumanyň 27 metrlik heýkeli dikildi. Bu ABŞ-nyň kontinental bölegindäki üçünji belent heýkel bolup, diňe Nýu-Ýorkdaky Azatlyk diňi we Hallandeýl-Biçdäki Pegas bilen Aždarhanyň heýkellerinden gysgadyr. Täze heýkel Şugar-Lend şäherindäki ybadathananyň öňünde dikildi.



▶ **Gadymy Rim altyn bilezigini tapdy.** Angliýaly 12 ýaşly Rouen Brennan itini gezdirip ýörkä Rim imperiýasynyň altyn bilezigini tapdy. Bu bilezik Günbatar Susseksiň kenarýaka Pegam obasynda tapyldy. Geçirilen barlaglarda, bileziginiň miladynyň I asyra degişlidigi we rim esgerlerine berlen armilla – harby baýrakdygy tassyklandy.



▶ **Üýtgeşik çip oýlap tapdylar.** Şweýsariýaly alymlar pikiri 91 göterim takyklyk bilen tekste geçirip bilýän kiçijik çip döretmek arkaly neýrotehnologiýa pudagynda üstünlik gazandylar. Bu öwrülişikli çözgüt hereket ediş mümkinçiligi çäkli adamlaryň durmuşyny üýtgedip, olara pikirleri arkaly erkin aragatnaşyk saklamak ukybyny berer.



▶ **Kosmosdan suraty alnan bina.** ABŞ-nyň «Maxar» kompaniýasy Saud Arabystanynda «Jeddah Tower» binasynyň gurluşyk meýdançasynyň kosmosdan alnan suratyny paýlaşdy. Taslama laýyklykda, bu bina bir kilometr beýiklige ýetip, dünýäniň iň beýik binalarynyň biri bolmaly. Gurluşyk Hytaý kompaniýasy tarapyndan amala aşyrylýar.



▶ **NASA iň gymmat diňi gurar.** NASA SLS raketasy üçin bahasy 2,7 milliard dollardan geçýän uçuş diňini gurar. Bu Dubaýdaky Burj-Halifa diňiniň gurluşygyna sarp edilen puldan hem iki esse köp. Bu diň SLS raketasynyň kämilleşdirilen görnüşi bolan «Blok 1B»-ni goldamak üçin niýetlenendir.



▶ **Ulanyjylaryň sany artýar.** 2024-nji ýylyň iýun aýynyň ahyryna çenli Hytaýda internet ulanyjylaryň umumy sany 1,1 milliarda deň boldy. Bu mukdar 2023-nji ýylyň dekabr aýy bilen deňeşdirilende 7,42 million köpdür. Şeýle maglumatlary Hytaýyň tor maglumat merkezi mälim etdi. Ýurtda häzirki wagtda 5G işjeň ösdürilýär.



▶ **«Ýewrowideniýe» Bazelde geçiriler.** «Ýewrowideniýe» aýdym-saz bäsleşigi 2025-nji ýylyň maý aýynda Şweýsariýanyň Bazel şäherinde geçiriler. «Bazel 2025-nji ýylda 69-njy «Ýewrowideniýe» aýdym-saz bäsleşiginiň geçirilek ýeri hökmünde saýlandy» – diýip, bäsleşigi geçirýän Ýewropa ýaýlym birleşiginiň (EBC) saýtynda ýerleşdirilen habarda aýdylýar.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1916-njy ýylyň 6-njy sentýabrynda ABŞ-nyň Memfis şäherinde «Piggly Wiggly» atly ilkinji supermarket açylýar. Telekeçi Klarens Saundersiň başlangyjy bilen açylan söwda merkezinde müşderiler gerekli önümleri özleri saýlap alyp, kassada töleg edýärler. Telekeçi 1917-nji ýylda öz-özüňe hyzmat etme ulgamy ornaşdyrylan söwda merkezine patent hem alýar.**



# Kamala Harrisiň ilkinji söhbetdeşligi

**ABŞ-nyň häzirki wise-prezidenti, demokratlar tarapyndan prezidentlige dalaşgär hödürlenen Kamala Harris saglawlardan iki aý öň CNN teleýaýlymynyň studiýasyna baryp, ilkinji gezek alypbaryjy Dana Baş bilen söhbetdeşlik geçirdi.**

Bir aý mundan ozal prezidentlige dalaşgär hökmünde hödürlenen Kamala Harris bir sagada çeken söhbetdeşliginde, esasan, içerki meselelere ünsüni jemledi. Şeýle hem ol söhbetdeşligiň dowamynda ýakyn wagtda ýurtda geçirilijek Prezident saýlawlary, ABŞ-nyň häzirki lideri Jozef Baýdeniň alyp barýan syýasaty we Meksika bilen serhetdäki ýagdaýlar barada durup geçdi. Söhbetdeşligiň barşynda Kamala Harris daşary syýasatda Baýdeniň administrasiýasynyň alyp barýan syýasatyna berk eýerjekdigini belledi. Harris saglawlarda ýeňiş gazansa, ilkinji maksatlary we anyk ädimleri barada jikme-jik sanap geçmedi. Muňa derek, ykdysadyýeti ösdürmek meselelerine aýratyn ünsi çekdi.

– Ilki bilen, meniň esasy ileri tutýan meselelerimiň biri orta gatlagy goldamak we güýçlendirmek üçin mümkin bolan ähli zady etmek – diýip, syýasatçy belledi.

Ýurtda geçirilen pikir soralyşyklarda saýlawçylaryň köpüsiniň ykdysadyýeti dolandyrmak we inflýasiýanyň öňüni almak babatda Trampa bil baglaýandygy belli boldy. Ýöne Harris bäsleşige gireli bäri şeýle pikir edýän saýlawçylaryň sany barha azalýar.

Harris söhbetdeşligiň dowamynda, ýurduň içerki syýasaty bilen baglanyşykly meseleler barada durup geçip, Meksika bilen serhetdäki ýagdaýa aýratyn ünsi çekdi. Prezidentlige dalaşgär giriş düzgünlerini has-da berkitjek «giňişleýin serhet kanunyny» kabul etmäge tagalla etjekdigini we bu kanuna gözegçiligiň üpjün edilmeginiň zerurdygyny belledi.

– Serhetden bikanun geçilmegi ýol berilmesiz ýagdaýdyr – diýip, Kamala Harris aýtdy.

Beýleki bir tarapdan, syncylar Harrisiň Ýer gatlagynyň gidrawliki böwsülişine, ýagny frekinge bolan garaýşynyň üýtgändigini belleýärler. Harris daşky gurşawyň netijelerine, esasan hem, ýerasty suwlaryň hapalanmagyna sebäp



bolup biljek nebit we gaz çykarmagyň bu usulyny gadagan etmek isleméýändigini aýtdy. Çünki Pensilwaniýa ştatynda gidrawlik böwsüş arkaly uglewodorod çykarmak pudagynda köp adamyň zähmet çekýändigini ýatlap geçdi.

Kamala Harris Baýdeniň administrasiýasy tarapyndan girizilen ykdysady çäreleri goramak bilen, özüne çözülmegi möhüm bolan birnäçe ykdysady meseleleriň miras galandygyny aýtdy.

«Reuters» we «Ipsos» agentlikleri tarapyndan geçirilen pikir soralyşyklarda Harris 45 göterim sese, Tramp bolsa, 41 göterim sese eýe boldy. Syncylar, Harrisiň prezidentlige dalaşgär hökmünde geçen bir aýyň dowamynda özüniň artykmaçlygyny berkitmek üçin has köp tagalla edendigini belleýärler.

# DALAŞGÄRLIGINI HÖDÜRLEDI

**Ýaponiýanyň sanlylaşdyrma işleri boýunça ministri Taro Kono ýurduň dolandyryjy Liberal-demokratik partiýasynyň (LDP) başlygy wezipesine öz dalaşgärligini yglan etdi, ýeňiji sentýabr aýynda geçiriljek partiýa saýlawlaryndan soň indiki Premýer-ministr bolar. Ol bu karary barada metbugat ýygnagynda mälim etdi.**

**Häzirki güne çenli öňde duran saýlawlara gatnaşmakçydygyny Ýaponiýanyň öňki ykdysady howpsuzlyk ministri Takaýuki Kobaýaşi, öňki goranmak ministri Sigeru Isiba yglan etdiler. Mundan başga-da, LDP-niň başlygynyň saýlawlaryna gatnaşmagy meýilleşdirýän daşary işler ministri Ýoko Kamikawa dalaşgär hökmünde hödürlenmegi üçin zerur goldawy aldy. Jemi 11 syýasatçy Ýaponiýada partiýanyň lideri wezipesine esasy dalaşgärler hasaplanýar.**

**Ýurduň indiki Premýer-ministri boljak Ýaponiýanyň dolandyryjy LDP-niň täze başlygy üçin saýlawlar 27-nji sentýabrda geçiriler. Häzirki Premýer-ministr Fu-**



**mio Kisida öňde boljak saýlawlarda dalaşgär bolup bilmejekdigini we hökümet Başlygy wezipesinden çekiljekdigini mälim etdi. Ozalky daşary işler ministri Fumio Kisida 2021-nji ýylyň sentýabr aýynda Ýaponiýanyň dolandyryjy Liberal-demokratik partiýasynyň (LDP) täze başlygy wezipesine saýlanypdy.**

# Üçünji gezek sanawyň başyny çekdi



«Wildberries» internet dükanynyň esaslandyryjysy we baş direktory Tatýana Bakalçuk, ABŞ-nyň «Forbes» žurnalynyň 2024-nji ýylda Russiýanyň iň baý zenanlarynyň sanawynda üçünji gezek birinji



orny eýeledi. Işewür zenanyň maýasy 2024-nji ýylda 5,5 milliard dollar diýlip bahalanýar.

Sanawa jemi 20 zenan girizilip, ikinji orny 2,45 milliard dollar baýlygy bilen Tatýana Litwinenko eýeledi. Ol 2022-nji ýylda adamsy Wladimir Litwinenkodan «Fosagro» kompaniýasynyň paýnamalarynyň 20,6 göterimini miras aldy.

Üçünji orunda işewür Andreý Skoçuň gyzy Warwara Skoç ýerleşdi. Bu ýyl onuň maýasy 2,2 milliard dollar boldy. 2020-nji ýylyň dekabrynda ol USM holdinginiň paýnamasynyň eýesi boldy.

Dördünji orny 1,3 milliard dollarlyk maýasy bilen «Inteco Management» kompaniýasynyň başlygy Ýelena Baturina eýeledi.

Bäşinji orny ýag alynýan tohumlary gaýtadan işleýän «Sodružestwo» toparynyň 50 göterimine gözegçilik edýän Natalýa Lusenko eýeledi. Onuň baýlygy 1,25 milliard dollar diýlip baha berilýär.

Golaýda fransuz işewüri we «Louis Vuitton Moet Hennessy» (LVMH) kompaniýalar toparynyň eýesi Bernar Arno dünýäniň iň baý 3 adamynyň sanawyna gaýtadan girdi. Häzirki wagtda dünýäniň iň baý adamy «Tesla Mo-





tors» we «SpaceX» kompaniýalarynyň eýesi Ilon Maskdyr. Amerikaly işewüriň maýasy 239 milliard dollara deň. Ilkinji üçlügi «Amazon»-yň esaslandyryjysy Jeff Bezos düzüp, baýlygy 199 milliard dollara deň.

# IKINJI MÖHLETE DALAŞ ETMEKÇI

**Moldowanyň häzirki Prezidenti Maýýa Sandu prezidentlik bäsleşigine gatnaşjakdygyny resmi taýdan mälim etdi. Ol özüniň «Hereket we raýdaşlyk» partiýasy tarapyndan dalaş eder. Onuň şygarynda «Moldowa üçin Maýýa Sandu» diýen ýazgy bar. Golaýda bu partiýa öz dalaşgärini goldamak maksady bilen başlangyç toparyň döredilendigini habar berdi. Maýýa Sandu «Digital» seýilgähinde geçirilen çärede öz tarapdarlaryna ýüzlenip şeýle diýdi:**

– Biz Garaşsyzlygymyza eýe bolanymyzdan bäri 2024-nji ýylda ýurdumyz üçin iň möhüm karary kabul ederis. Biz sala salyp arkaly daşary syýasatymyzyň ugruny kesgitläris. Men biziň halkymyzyň parahatçylygy we erkinligi saklajakdygyna ynanýaryn. Şeýle hem biz 2024-nji ýylda döwlet Baştutanyny saýlaýarys. Meniň maksatnamam düşnükli: durmuş we özara düşünişmek üçin has gowy şertler – diýip, Moldowanyň häzirki Prezidenti Maýýa Sandu belledi.

Maglumatlara görä, Maýýa Sanduň başlangyç topary indi Merkezi saýlaw toparyň tarapyndan hasaba alynmaly. Şondan soň administratiw-çäk birlikleriň azyndan ýarysynda 15 müňden az bolmadyk we 25 müňden köp bolmadyk gol ýygnamaly bolar. Şondan soň Merkezi saýlaw topary Sanduny dalaşgär hökmünde resmi taýdan bellige alar.

Konstitusiýa laýyklykda, Moldowa Respublikasynyň Prezidentiniň ygtyýarlyk möhleti dört ýyl dowam edýär we kasam kabul edi-



len gününden başlap, indiki Prezident kasam kabul edýänçä dowam edýär. Moldowanyň häzirki Prezidenti Maýýa Sandu 2020-nji ýylyň 24-nji dekabrynda wezipesine girişipdi.

Şeýle hem 20-nji oktýabrda ýurtda Prezident saýlawlary bilen birlikde sala salşyk meýilleşdirilip, onuň barşynda raýatlar «Moldowa Respublikasynyň Ýewropa Bileleşigine girmek maksady bilen Konstitusiýany üýtgetmegini goldaýarsyňyzmy?» diýen soraga jogap bererler.

# Zenanlaryň işleri boýunça ministrlik döredilер

Meksikada zenanlaryň işleri boýunça ministrlik döredildi. Bu barada ýurduň täze saýlanan Prezidenti Klaudiýa Şeýnbaum mälim etdi. Döwlet Baştutanynyň aýtmagyna görä, tekliplери çuňňur öwrenenden soň, ozal bar bolan Aýal-gyzlaryň işleri boýunça milli institutyň esasynda şeýle ministrligi döretmek kararyna gelipdir. Edaranyň başlygy häzirki wagtda «Milli galkynyş hereketiniň» (MORENA) baş sekretary, şeýle hem Mehiko şäheriniň senatory bolup işleýän Sitlali Ernandes bolar.





Şeýnbaumyň aýtmagyna görä, ministrlik 2024-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan, döwlet Baştutany wezipesine girişenden soň işläp başlar. Zenanlaryň işleri boýunça ministrligiň döredilmegi Meksikanyň ilkinji zenan Prezidenti boljak Klaudiýa Şeýnbaum tarapyndan öňe sürlen özgertmeleriň biridir.

Ozal habar berlişi ýaly, 2-nji iýunda Meksikanyň dolandyryjy «Milli galkynyş hereketi» (MORENA) partiýasynyň dalaşgäri Klaudiýa Şeýnbaum Meksikada geçirilen Prezident saýlawlarynda 57 göterimden gowrak ses alyp, ynamly ýeňiş gazandy. Mehiko şäheriniň öňki häkimi 61 ýaşly Şeýnbaum ýurduň taryhynda ilkinji zenan Prezidentdir. Alty ýyllyk möhlete saýlanan Prezidentiň kasam kabul ediliş dabarasy 1-nji oktýabrda meýilleşdirilýär.

Demirgazyk Amerikada ýerleşýän bu ýurtda 127 million dan gowrak adam ýaşaýar.

# PARLAMENT SAÝLAWLARY GEÇIRILDI

1-nji sentýabrda Azerbaýjanda geçirilen parlament saýlawlarynda ýurduň Prezidenti Ilham Aliýewiň partiýasy parlamentdäki orunlaryň köpüsine eýe boldy. Merkezi saýlaw komissiýasynyň maglumatlaryna görä, saýlawlara gatnaşyk 37,27 göterim boldy.

Azerbaýjanyň Merkezi Saýlaw geňeşi, Aliýewiň «Ýeni Azerbaýjan» partiýasynyň Milli mejlisdäki (ýurduň bir palataly mejlisinde) 125 ornuň 68-sine eýe bolandygyny habar berdi. Öňki parlamentiň düzüminde hem «Ýeni Azerbaýjanyň» 68 orny bardy. Beýleki mandatlar, resmi taýdan garaşsyz dalaşgärlere we partiýalara berler.

Şu ýyl Azerbaýjanda geçirilen parlament saýlawlaryna ilkinji gezek Ýewropa Geňeşiniň parlament assambleýasynyň syncylary gatnaşmady. Saýlawlara GDA-nyň Parlamentara assambleýasynyň syncylary gatnaşdy. GDA-nyň Parlamentara assambleýasynyň syncylarynyň wekili, Russiýan Federasiýasynyň Federasiýa Geňeşiniň başlygynyň birinji orunbasary Andreý Ýaskin «saýlaw uçastoklarynda raýatlaryň öz isleglerini beýan etmegi üçin ähli şertleriň döredilendigini» aýtdy.

Prezident deputatlaryň haýyşy boýunça iýun aýynyň ahyrynda parlamenti ýatyrdy. Deputatlar saýlawdan öňki





kampaniýalaryň paýtagtyň myhmanlaryna päsgel bermezligi üçin şu ýylyň noýabr aýynda Bakuda geçiriljek BMG-niň klimat sammitiniň (COP29) hatyrasyna parlamenti ýatyrmak barada teklip etdiler. Bu sammit Azerbaýjanyň halkara abraýy üçin möhüm çäre hasaplanýar.

# Saýlawlara taýýarlyk görülýär

**Özbegistanda 27-nji oktýabrda geçiriljek parlament saýlawlaryna taýýarlyk görülýär. Respublikanyň Merkezi saýlaw topary ýurtlaryň 39-synda 56 saýlaw uçastogyny açmak barada karar kabul etdi. Saýlaw uçastoklary Russiýada, Gazagystanda, Gyrgyzystanda, Türkmenistanda, Hytaýda, BAE-de, Saud Arabystanynda, Türkiýede, Germaniýada, ABŞ-da, Koreýa Respublikasynda we ýene-de 29 ýurtda açylar.**

Öňde duran saýlawlar ilkinji gezek mažoritar (garyşyk) ulgamda geçiriler. Onuň barşynda kanun çykaryjy palatanyň 250 wekili saýlanar. Olaryň 75-si bir mandatly saýlaw okruglarynda, ýene-de 75-si bolsa, syýasy partiýalara berlen seslere esaslanyp, bir saýlaw okrugynda saýlanarlar.

Özbegistanyň Parlamenti aşaky (kanun çykaryjy) we ýokarky (senat) palatalardan ybaratdyr. Iki palatanyň wekilleriniň ygtyýarlygy 5 ýyla deňdir. Kanun çykaryjy palata 150 deputatdan, senat bolsa, 100 senatordan ybaratdyr.

Özbegistan Orta Aziýanyň merkezi böleginde ýerleşýär. Ýurduň ilaty 33 million 724,5 müň adama deň. Özbegistan Respublikasy 1991-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda Garaşsyzlygyna eýe boldy.



# «Aramco» stadionynyň taslamasy hödürlendi



**ABŞ-nyň «Populous» binagärlik studiýasy Saud Arabystanynyň El-Hubar şäherinde gurujak täze «Aramco Stadium» stadionynyň taslamasyny hödürledi. 47 müň orunlyk stadionyň 2027-nji ýylda geçiriljek Aziýa Kubogynyň esasy meýdançalarynyň biri boljakdygy tassyklanýar.**

**Taslama burum-burum görnüşinde bolup, Pars aýlagynyň kenarynyň tolkunlaryny ýada salar. Desganyň öň tarapy biri-biriniň üstüni örtýän panellerden ybarat bolup, olar tebigy ýagtylygyň düşmegi üçin ýşlar bilen üpjün ediler. Panduslar we geçelgeler binanyň daşky burum-burum dizaýny bilen utgaşyp, tomaşaçylaryň ünsüni stadionyň elliptik aýlawyna gönükdirer. «Populous» studiýasynyň wekilleriniň aýtmagyna görä, dizaýn taýýarlananda deňiz möwçleriniň tebigy şekillerinden ylham alyndy.**

**Häzirki wagtda Saud Arabystany 2034-nji ýylda futbol boýunça Dünýä çempionatyny geçirmek maksady bilen ýüz tutmaga işjeň taýýarlanýar. Munuň üçin ol Er-Riýadda 90 müň orunlyk stadiony we 350 metrden gowrak beýiklikdäki ýene-de bir stadionyň taslamasyny hödürleýär.**

# Amsterdam – welosipedleriň şäheri

Amsterdam dünýäniň esasy syýahatçylyk şäherleriniň biridir. Meşhur muzeýleri, owadan kanaldyr köçeleri, şeýle hem kaşaň restoranlary bilen syýahatçylary özüne çekýän Amsterdam Ýewropanyň merkezi şäherleriniň biridir.

«Çigildem şäheri» diýlip hem atlandyrylýan Amsterdam köp ilatlylygy bilen tapawutlanýar. Şäherde dürli milletleriň wekillerine gabat gelmek bolýar. Bu aýratynlyk syýahatçylaryň şähere çalt öwrenişmeklerine kömek edýär. Amsterdamda ilatyň 86 göterimi azyndan iki dili suwara bilýär. Şäherde iňlis dilini bilmeýänler seýrek duş gelýär. Şeýlelikde, Amsterdamda dil babatda kynçylyk çekmezden syýahat edip bolýar.



219 inedördül kilometr meýdany bolan kiçijik şähere gysga wagtda gezelenç edip bolýar. Şäher kiçeldilen häzirki zaman obasyny ýadyňa salýar. Niderlandlaryň paýtagtynyň meşhurlyk gazanmagynyň esasy sebäpleriniň biri hem onuň binagärlik aýratynlygydyr. Inçe we beýik binalar şäheriň taryhy ýadygärliklerinde hem gabat gelýär. Amsterdamdaky kanallaryň uzynlygy 100 kilometrden geçmek bilen, şäherde 1200-den gowrak köpri bar. Bu kanallarda öý hem-de myhmanhana hökmünde ulanylýan ýüzýän binalary görmek bolýar. Owadan gülleriň şäheri bolan Amsterdamda ýüzýän gül bazary hem bar.

Ýewropanyň beýleki ýerlerine meňzeş hem bolsa, Amsterdamyň köçe tagamlarynyň esasy aýratynlygy peýnirler bolup durýar. Niderlandlar dünýäde peýnir görnüşleriniň iň köp ýurdy hökmünde tapawutlanýar. Amsterdama syýahat edenler «Gouda» peýnirini dadyp görmegi maslahat berýärler.



### Welosiped şäheri

Geçen asyryň 70-nji ýyllaryndan bäri ýörgünli bolan welosiped ulanmak amsterdamlylaryň gündelik endigine öwrüldi. Amsterdama «Ýewropanyň welosiped paýtagty» hem diýilýär. Welosiped şäheriň içindäki hereketi sazlamak bilen bir hatarda ekologiýa taýdan arassa ulag bolup durýar. Şäherde 881 müň welosiped bolup, 515 kilometrlik ýörite welosiped zolaklary bar. Amsterdamda ýol hereketiniň 40 göterimden gowragy welosipedlerde amala aşyrylyp, ýaşaýjylar welosiped sürmäge has köp ýykgyn edýärler. Şäher ýaşaýjylary işe, mekdebe we söwda-satyk etmäge welosipedli gidýärler.

# Puly nädip TYGŞYTLAMALY?

**Çykdajylary azaltmak üçin, ilki bilen, tygşytlylygy öwrenmeli. Söwda edilende hojalyga gerek zatlaryň sanawy düzülip, belli bir möhlet (1 hepde, 15 gün ýa-da 1 aý) göz öňünde tutulmaly. Zerur bolan zatlary şol möhlete ýeter ýaly derejede satyn almaly. Artykmaç zat almak isripçilige hem-de göz öňüne getirişimizden köp çykdajy çykmagyna sebäp bolýar. Eýsem, siz puly tygşytly ulanmagy başarýaňyzmy? Hünärmenler ýaponlara degişli bolan kakeibo usulyny hödürleýärler. Geliň, çykdajylary azaltmagy we puly tygşytly ulanmagy öwredýän bu usul bilen tanyş bolalyň!**

**Kakeibo usuly näme?** Ýaponiýada giňden ulanylýan bu usul öý hojalygynyň maliýe ýagdaýyny tygşytly dolandyrmaga ýardam edýär. Kakeibo usulynda her bir alnan zadyň möçberi we çykdajysy depdere bellik edilýär. Aýyň soňunda haýsy zada has köp pul sowlandygy seljerilýär. Kakeibo sözi «öýüň pul kitaby» diýen manyny aňladýar.

**Kakeibo usuly haçan döredi?** Bu usul 1904-nji ýylda ýaponlaryň ilkinji žurnalist zenany Hani Motoko tarapyndan köpçülige hödürlenýär. Ilkibaşda kakeibo girdejileri we çykdajylary kagyza bellemegi öz içine alýan ýönekeý usuldy. Ýöne soňlugy bilen köpçüligiň arasynda meşhurlyk gazanan bu usul üçin ýörite bellikli depderler, elektron tablisalar, programmalar we suratly kitapçalar döredilýär.



**Nädip ulanmaly?** Kakeibonyň beýleki býujet usullaryndan esasy tapawudy adamy çykdajylar barada pikirlenmäge mejbur edýär. Bu usul haýsy zada sebäpsiz has köp pul harçlandygyňy görkezýär. Artykmaç pul sowmak endigiňi düzetmäge ýardam edýär.

**Kakeibo usuly 3 basgançakdan durýar:**

**Meýilnamalaşdyrmak.** Bir aýlyk çykdajylary meýilleşdireniňizde näçeräk pul sarp etjekdigiňizi çaklamaly. Şeýle hem alynmaly zatlary toparlara (azyk önümleri, öý goşy, elektron enjamlar, egin-eşik) bölüp, puluny aýryp goýmaly.

**Çykdajy barada pikirlenmek.** Her satyn alan zadyňyz barada pikirlenip, şoňa görä puluňyzy sarp etmeli. Käte birbada birnäçe haryt satyn alynýar. Şeýle ýagdaýda ownuk-uşak gerekli zatlar barada hem pikirlenmeli. Umuman her bir çykdajy hakynda pikirlenmek, depdere bellik etmek puly tygşytly sowmaga ýardam edýär.

**Aýlyk seljerme.** Her aýyň soňunda «öýüň pul kitabyny» gözden geçirip, nämelere köp pul sowlandygyny seljermeli. Öýe haýsy harytlaryň (et, gök önümleri, arassaçylyk serişdeleri) has köp gerekdigine göz ýetirmeli.

**Kakeibo usuly ýöredilende göz öňünde tutulmaly zatlar:**

- ✓ Näçe pul harçlamaly?
- ✓ Näçe pul tygşytlamak isleýärin?
- ✓ Näçe pul sarp edýärin?
- ✓ Geljek aý nädip çykdajylary azaldyp bilerin?

Kakeibo usulyny islendik adam ýöredip biler. Bu usuly ulanmak üçin her aýy we her güni aýratynlykda görkezilen kitapça tutmak ýeterlik. Hasap depderçesini özüňiz hem ýasap bilersiňiz. Kakeibo usuly oýlanyşykly we dowamly ýagdaýda ýöredilende maşgalanyň maliýe çykdajylaryny azaltmaga hem-de puly tygşytlamaga ýardam edýär.

# Tyllaýy güýzüň bakja önümi

Güýz paslynda ýetişýän bakja ekinleriniň biri hem kädidir. Kädiniň düzüminde adama gerek bolan organik turşulyklar, pektin fermenti we birnäçe peýdaly maddalar bar. Olar aşgazan-içege ulgamynyň işini kadalaşdyrýar. Şeýle hem käbir keseliň öňüni almaga ýardam edýär. Lukmançylykda kädi melhem hökmünde hem ulanylýar. Kädi sowuklamany bejeriji serişde bolup, berhiz tutulanda, böwrek we ýürek näsazlyklarynda iýilmegi maslahat berilýär. Kädiniň gaýnadylan suwuny bal bilen garyp içmek peýdalydyr. Ol adamy rahatlandyrýar.



Kädiniň dogduk mekany Demirgazyk Amerika hasaplanýar. Ol öýde ekilýän iň gadymy ekinleriň biridir. Daşary ýurtlarda kädiniň köpräk «Cucurbita maxima» görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär. Ululygy bilen tapawutlanýan bu kädini uzak wagtlap saklap bolýar. Maglumatlara görä, her ýyl dünýäde 22 million tonnadan gowrak kädi hasyly alynýar. Bu ugurda Hytaý bilen Hindistan öňdeligi eýeleýär.

Kädi gaýnadylyp, buglanyp ýa-da gowrulyp iýilýär. Köp ýurtda kädi püresi we ondan taýýarlanýan süýjülikler örän meşhurdyr. Käbir ýerde kädiniň gowrulan çigidi hem has ýörgünlidir.

# Güýz paslyny garşy almagyň festiwaly

Güýz paslynyň gelmegi bilen dünýäniň birnäçe ýurdunda şatlykly we özboluşly festiwallar bellenilip geçilýär. Bu festiwallar irki döwürlerden bäri meşhur bolup, halkyň milliligi, oba hojalyk möwsümi we dini däp-dessurlar bilen berk baglanyşyklydyr. Şeýle festiwallaryň biri hem «La Merce» festiwalydyr.



Meşhur aýdym-saz şüweleňleri bilen tanalýan Barselona şäherinde güýz paslynyň gelmegi bilen gadymy baýramçylyklaryň biri bolan «La Merce» festiwaly uly şowhuna beslenýär. 1902-nji ýyldan bäri geçirilip gelinýän «La Merce» festiwaly katalonlaryň milli baýramydyr. «Tomus bilen hoşlaşmagyň we güýzi garşy almagyň» alamaty hökmünde 5 gün bellenilýän bu festiwal şu ýyl 20-24-nji sentýabr aralygynda geçiriler. Festiwalyň dowamynda gijeki ýörişler, köçelerde milli tanslar we agşamyna korrefokly (uçganaklaýan kiçi feýerwerk) şüweleňler guralýar. «La Merce» festiwalynyň iň esasy wakalarynyň biri hem Barselonanyň «Plaça de Sant Jaume» merkezi meýdançasynda geçirilýär. Meýdança birnäçe adam toplanyp, adam diňini (kasteller) ýasaýarlar we çür depesine kiçijik çagajygy çykarýarlar. Mundan başga-da, çagalaryň iň söýgüli tomaşasy «äpet adamlaryň ýörişi» geçirilýär. «La Merce» üýtgeşik wakalara baý festiwaldyr.

## ÇAGALAR

**Towuk ýumurtgasynyň agramynyň 11 göterimini gabygy, 58 göterimini agy we 31 göterimini sarysy emele getirýär.**

# Ilkinji gezek mekdebe barýan çagalaryň ATA-ENELERINE MASLAHATLAR



**Islendik ata-ene perzendiniň sowatly bolmagyny, gowy bilim almagyny hem-de terbiýeli, il-güne gerekli ynsan bolup ýetişmegini isleýär. Çaganyň geljekde kämil ynsan bolup ýetişmeginde terbiýeçilere, mekdep mugallymlaryna hem-de ata-enelere uly jogapkärçilik düşýär. Esasan hem, ýaňy mekdebiň bosagasyndan ätlän çagajyklaryň hossarlary has ünsli bolmaly. Okamagy we ýazmagy ýaňy öwrenip başlan çagajyga mekdebe öwrenişmek, sapaklara girişmek kyn düşüp biler. Şol sebäpli ata-eneler mugallymlar bilen ýakyn gatnaşykda bolmak bilen, çaganyň öý işlerine, sanlary we harplary ýat tutmagyna gözegçilik etmeli. Başlangyç bilimi talabalaýyk ele almak çaganyň geljegine öz täsirini ýetirýär. Hünärmenler ilkinji gezek mekdebe barýan çagalaryň ata-enelerine şu usullary ulanmagy maslahat berýärler.**

**Okuwyň zerurdygyny düşündirmeli.** Çagalaryň köpüsi ilkibaşda mekdebe näme üçin gatnaýandygyna düşünmeýär. Şol sebäpli ata-eneler çagalara ilki bilen mekdepde berilýän bilimiň, okamagyň zerurdygyny düşündirmeli. Mysallar getirmek arkaly, näme üçin matematikany öwrenýändigini, näme üçin taryhy bilmelidigini, näme üçin daşary ýurt dilleriniň öwredilýändigini düşündirmeli. Çaganyň oňaýsyz pikirlerine täsir edip, mekdebe we okuwa bolan söýgüsini gazanmaly. Alýan bilimleriniň geljek üçin, kämil ynsan bolup ýetişmek üçin nähili zerurdygyny ynandyrmaly.

**Sapaklaryndan habarly bolmaly.** Çagalara sapaklara taýýarlanmalydygyny öwretmeli. Şeýle hem mekdepde jogapkärçilikli bolmalydygyny ündemeli. Çagalaryň öý işini ýerine ýetirip bermek ýalňyş usul hasaplanýar. Çagalaryň öý işinde bilmeýän zatlaryny



düşündirmek, ýol görkezmek hem-de öý işlerini ýerine ýetirýän mahaly umumy gözegçilikde saklamak dogry usul hasaplanýar. Mekdebe ýaňy başlan çagalara her günki öý işinden soň, sanamagy, okamagy we ýazmagy öwretmeli. Munuň üçin aýratyn depder tutup bilersiňiz.

**Mekdebe bolan söýgini gazanmaly.** Çagalaryň gowy okamagyny isleseňiz, ilki bilen mekdebe bolan söýgüsini gazanmaly. Mugallymlaryň aýdanlaryna dogry düşünmelidigini, her bir sapagyň zerurdygyny, mekdepde geçirilýän çärelere işjeň gatnaşmalydygyny öwretmeli. Okuw synpyndaky esbaplara hem-de gurallara zeper ýetirmezden, aýawly ulanmalydygyny ündemeli.

**Beýleki çagalar bilen deňeşdirmeli däl.** Çagany beýleki çagalar bilen deňeşdirmek çaga terbiýesinde iň uly ýalňyşlyk hasaplanýar. Mysal üçin, goňşymyzyň çagasy gowy bahalar alýar, sen gowy okaňok ýa-da synpdaşlaryňa seret, pylany ýaly okajak bol diýen ýaly jümleler çaganyň höwesiniň gaçmagyna we özüne bolan ynamyň peselmegine getirýär. Tersine çagaňyzda özüne bolan ynamy güýçlendirip, ony okamaga ruhlandyrmaly.

**Çagany diňlemeli.** Her gün agşam sapaklara taýýarlanýan wagty çagaňyz bilen mekdep, okuwyň gidişi barada bir-iki agyz gürrüň etmeli. Düşünmeýän zatlaryny, ýetişmeýän sapaklaryny soramaly. Synpdaşlary we mugallymlary bilen gowy düşünişýärmi, sapakda nämeleriň bolup geçendigi bilen gyzyklanmaly. Kynçylyk çekýän zadynda kömek edip biljekdigiňizi aýdyp, çagaňyza guwanýandygyňyzy duýduryp bilersiňiz.

**Yzygiderli gatnaşykda bolmaly.** Mekdebe ýaňy girişen çagany özbaşyna goýmaly däl. Synp ýolbaşçysy bilen ýakyn gatnaşykda bolup, çagaňyz bilen gyzyklanmaly. Käte mekdebe baryp çagaňyzy synlamaly. Mugallymlar bilen duşuşyp, sapaklara ýetişigi we özüni alyp barşy bilen tanyşmaly. Kim bilen mekdebe gidýändigine, kim bilen tirkeşýändigine anyk göz ýetirmeli. Gepleşikde haýsy sözleri köp ulanýandygyna üns bermeli.

## Bulary bilýäňizmi?

- ✓ Ýumurtganyň gabygynda 10 müňden gowrak gözenek bar.
- ✓ Sowadyjyda bir hepde duran ýumurtga otag temperaturasynda bir gün duran ýumurtgadan has gowy saklanýar.
- ✓ Ýumurtga uzak wagt duranda içindäki suwy we howany ýitirýändigi sebäpli agramy azalýar.
- ✓ Ýumurtga öý şertlerinde saklananda, sowadyjyda ýuwulman goýulmaly. Ony diňe ulanjak wagtyň ýuwmaly.
- ✓ Ýumurtganyň daşynda ony mikroplardan goraýan örän ýuka gatlak bolup, ol ýuwlanda aýrylýar.
- ✓ Ýumurtgany sowadyjyda peýnir, sogan, balyk ýaly ýiti ysly iýmitleriň ýanynda goýmaly däl. Onuň gabygy gözenekli bolansoň, ysy özüne siňdirýär.
- ✓ Ýumurtga gabygy bilen gaýnadylanda 4 minutda agy, 12 minutda bolsa sarysy doly bişýär.
- ✓ Ýumurtganyň agyndaky iýmitlik maddalaryň görnüşleri hem-de mukdary sarysyndakydan has az bolýar.



### Labirint



### 7 tapawudy tapyň!



# Balyklar nädip görýär?



**Gün şöhlesi deňziň 200-300 metr çuňlugyna çenli ýagtyldýar. Soňra kem-kemden şöhle azalyp ugraýar. Deňziň düýbüne gitdigiňçe diňe ýşyk azalmak bilen çäklenmän, basyş güýji hem ýokarlanýar. Ýagny islendik jisimiň suwuň düýbüne çümmegi üçin örän agyr bolmagy gerek. Bolmasa deňziň basyşy ony ýokarlygyna, suwuň akymy bolsa kenara itip çykarýar. Deňiz suwunyň düzüminde duzuň mukdarynyň köp bolandygy üçin dykyz bolup, oňa çümmek aňsat däl. Bulara garamazdan, ummanlaryň has çuň ýerlerinde hem janly-jandarlaryň köp görnüşi, şol sanda balyklar ýaşaýar.**

**Deňziň düýbünde tüm garaňkyda ýaşaýan jandarlaryň her biriniň aýratyn görüş ukyby bar. Bu jandarlaryň käbiriniň bedeni tutuşlygyna ýa-da belli bir bölegi ýagtylyk saçýar. Şeýlelikde, awuny özüne çekip, aňsatlyk bilen tutýar. Käbirleri bolsa, suwda basyşyň üýtgändigini duýýar we golaýyna nähili ululykdaky jandaryň gelendigini aňýar. Deňiz jandarlarynyň köpüsi ses we ys almak arkaly beýleki jandarlaryň bardygyny aňýar. Ses suwda açyk howadakydan has çalt ýaýraýar. Bu bolsa, balyklara aňsatlyk bilen aw etmäge mümkinçilik berýär. Deňiz jandarlarynyň köp görnüşiniň bedeni aýna ýaly bolup, özüne gelýän örän az mukdardaky ýşygy yzyna serpikdirmek arkaly garaňkyda görüş ukybyny artdyrýar. Deňziň çuň ýerinde ýaşaýan balyklaryň görmeýäni hem bar, örän az görýäni hem bar. Ummanyň dürli çuňluklarynda dürlüçe ýaşaýyş bar.**

### Şekilli sudoku

**Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.**



### Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!





# 2-nji ÝER ÜÇIN ÝITI GÖREŞ

Futbol boýunça Türkmenistanyň çempionatynda 21-nji tapgyryň çäginde 3 duşuşyk geçirildi. 3 oýunda jemi 6 gol derweze girizildi. 2 duşuşykda ýer eýeleri birmeňzeş hasaplar bilen ýeňiş gazansa, beýleki duşuşyk deňlikde tamamlandy.



«Ahal» öz meýdançasynda «Merw» bilen duşuşyp, garşydaşyny her ýarymda geçirilen gollar esasynda 2–0 hasabynda utdy. «Ahal» toparyna ýeňiş getiren gollary 15-nji minutda Daýanç Meredow bilen 46-njy minutda Şazada Bäşimow (öz derwezesinden) geçirdi.

Edil şu netije «Altyn asyr» bilen «Şagadamyň» arasyndaky oýunda-da hasaba alyndy. Her ýarymda 1 gol geçiren «Altyn asyr» toparynyň adyndan 38-nji minutda Mihail Titow bilen 56-njy minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Myrat Annaýew tapawutlandy.

Paýtagtda oýnalan derbide «Aşgabat» bilen «Köpetdag» toparlary 1–1 hasabynda deňme-deň oýnap, utuklary paýlaşdylar. 1-nji ýarymy golsuz geçen oýunda «Aşgabatdan» Ýeňiş Seýdiýewiň 65-nji minutdaky goluna «Köpetdagdan» Şiri Annaýew 88-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren goly bilen jogap berdi.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 19 | 19 | 0 | 0 | 93-11 | 57 |
| 2 | «ALTYN ASYR» | 19 | 14 | 1 | 4 | 51-22 | 43 |
| 3 | «AHAL» | 19 | 14 | 1 | 4 | 44-18 | 43 |
| 4 | «ŞAGADAM» | 19 | 9 | 0 | 10 | 25-28 | 27 |
| 5 | «MERW» | 19 | 8 | 0 | 11 | 14-38 | 24 |
| 6 | «AŞGABAT» | 19 | 5 | 2 | 12 | 16-41 | 17 |
| 7 | «NEBITÇI» | 19 | 5 | 1 | 13 | 15-39 | 16 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 19 | 3 | 5 | 11 | 13-37 | 14 |

# Monzada «Ferrari» öňe saýlandy

Formula 1 boýunça möwsümiň 16-njy ýaryşy Italiýanyň Monza şäheriniň adybir trassasynda geçirildi. 53 aýlawdan ybarat bolan ýaryşda ýer eýesi «Ferrari» toparynyň monakoly sürüjisi Şarl Lekler ýeňiji boldy. Ol 4-nji hatardan başlan ýaryşy 1 sagat 14 minut 40,724 sekuntda tamamlap, möwsümdäki 2-nji, karýerasy boýunça-da 7-nji ýeňşini gazandy. «Ferrari» topary Monzada soňky gezek 2019-njy ýylda ýene-de Lekler bilen ýeňiş gazanypdy.

Ýaryşda 2-3-nji orunlary «McLaren» toparynyň sürüjileri eýeläp, awstraliýaly Oskar Piastri ýeňijiden 2,664 sekunt, ýaryşda ilkinji bolup bat alan britaniýaly Lando Norris çempiondan 6,153 sekunt yza galdy. Lekleriň ispaniýaly topardaşy Karlos Saýns Junioryň 4-nji bolan ýaryşynda «Mercedes» toparynyň britan piloty Lýuwis Hamilton 5-nji, sürüjileriň sanawynyň lideri, «Red Bull» toparynyň niderland piloty Maks Werstappen 6-njy ýeri eýeledi. Werstappene 6 ýaryşdan bäri ýeňiş gazanmak başardanok.



Ýöne şonda-da Werstappen 303 utuk bilen sanawyň başyny çekmegini dowam edýär. Norris 241 utuk bilen 2-nji ýeri eýelese, 3-nji orundaky Lekleriň 217 utugy bar.

Möwsümiň 17-nji ýaryşy 15-nji sentýabrda Azerbaýjanyň paýtagty Baku şäherinde geçiriler.

# 3 ýyldan soň ilkinji ýeňşi

**Moto GP boýunça ýylyň 12-nji bäsleşigi Aragon «Gran Prisinde» ispaniýaly Mark Markes ýeňiş gazandy. «Ducati Gresini Racing» toparynyň sürüjisi Ispaniýanyň Alkanýis şäherinde geçirilen ýaryşda 23 aýlawy 41 minut 47,082 sekuntda tamamlady. Bu Markesiň 3 ýyldan soň Moto GP-de gazanan ilkinji ýeňşi hökmünde hasaba alyndy. Dünýäniň 5 gezek çempiony Mark Markes soňky gezek 2021-nji ýylyň oktýabr aýynda Italiýada ýeňiji bolupdy. Ýaryşda 2-3-nji orunlaryda ispan sürüjileri eýelediler. Ýeňijiden 4,789 sekunt yza galan «Pramac Racing» toparynyň piloty Horge Martin 2-nji, «Tech 3» toparyndan Pedro Akosta 3-nji orna mynasyp boldy. Soňky 2 ýylyň çempiony we şu möwsümde-de 3-nji ýeňşine ymtylýan italiýaly Françesko Banaia («Ducati Lenovo«) ýaryşy tamamlap bilmedi.**



**Bu ýaryşdan soň utugyny 299-a ýetiren Horge Martin sanawda 1-nji orna beýgeldi. Françesko Banaia 276 utuk bilen 2-nji ýere düşdi. Ýaryşyň ýeňijisi Mark Markes bolsa utugyny 229-a ýetirdi we 3-nji orna çykdy.**

**Möwsümiň 13-nji ýaryşy 8-nji sentýabrda San Marinoda geçiriler.**

# TOMUSKY TRANSFER MÖWSÜMI TAMAMLANDY

**Futbolda tomusky transfer möwsümi tamamlanyp, rekord derejede futbolçy klubuny üýtgetdi. Bu barada FIFA habar berýär.**

Tomsuň ilkinji gününden soňky gününe çenli gyzgalaňly ýagdaýda dowam eden tomusky transfer möwsüminde 11 müň futbolçy klubuny çalyşdy. Bu geçen ýylyň degişli döwrüne görä, 4,8 göterim ýokary diýmek bolup, bu görkeziji rekorda deňdir.

Transferlere tölenen tölegler babatda klublar 6,4 milliard dollar möçberinde maýa goýberdi. Bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwründen 13,6 göterim pes hem bolsa, taryhdaky iň ýokary 2-nji netijedir. Geçen tomusda klublar 7,43 milliard dollar harçlap, ähli döwürleriň rekordyny goýupdy.



Zenan futbolynda transfer tölegleri boýunça-da, oýunçy sany boýunça-da täze rekordlar goýuldy. Zenan futbolynda futbolçylaryň transferine sarp edilen mukdar 6,8 million dollara deň bolup, bu babatda rekord täzelendi. Şol sanda transfer bolan zenan futbolçylaryň sany hem geçen ýylyň degişli döwrüne garanyňda, 31,8 göterim ýokarlanyp, 1125-e ýetdi. Bu görkeziji rekorda deň boldy.

Transfer möwsüminde iň köp futbolçyny iňlis klublary düzümlerine goşdy. Jemi 526 futbolçyny transfer eden iňlis klublary 1,69 milliard dollar möçberinde pul harçlady. Bu görkeziji beýleki ýurtlara garanyňda, şu tomsuň iň ýokary görkezijisi bolsa-da, iňlis klublary üçin geçen ýylky çykdajydan 15,5 göterim azdyr. Munuň hem iň esasy sebäbi «Premier League»-niň girdeji we dowamlylyk düzgünlerini berjaý etmeýän klublara berlen jerimeler hökmünde görülýär. Iňlis klublaryndan soň italýan klublary 825 million dollar bilen 2-nji ýeri eýeleýär. Fransuz klublary hem şu tomusda futbolçy transferine 697 million dollar sarp edip, 3-nji orna mynasyp boldy. Ispanlar 599 million dollar bilen 4-nji, nemes klublary-da 572 million dollarlyk transferler bilen 5-nji orny eýeledi. Geçen tomusda Angliýadan soň 2-nji orny eýelän Saud Arabystanynyň klublary bu gezek 6-njy ýere mynasyp boldy. Olar jemi 431 million dollarlyk futbolçy transfer etdiler.

# TRANSFER TÄZELIKLERI




**«Napoli» 3 oýunçyny 74 million ýewro transfer etdi**

► Italiýanyň «Napoli» topary transferiň soňky 2 gününde iňlis klublaryndan 3 futbolçyny düzümine goşdy. Bu 3 transfere 74 million ýewro harçlan italýan kluby «Çelsiden» belgiýaly hüjümçi Romelu Lukakuny 30, şeýle-de şotlandiýaly futbolçylar – «Mançester Ýunaýtedden» Skott MakTomineýi 30 hem-de «Braýtondan» Billi Gilmory 14 million ýewro transfer etdi.

31 ýaşyndaky Lukaku «Napoli» bilen 3 ýyllyk şertnama gol çekişdi. Lukaku soňky 2 möwsümi «Serie A»-da – «Inter» we «Romada» kärendesine çykyş edipdi.

27 ýaşyndaky MakTomineý italýan kluby bilen 4 ýyllyk şertnama gol çekişdi. MakTomineý 12 ýyllap «Mançester Ýunaýtediň» köýnekçesini geýipdi.

23 ýaşyndaky Gilmor täze kluby bilen 2029-njy ýyla çenli şertnama baglaşdy. «Napoli» Gilmoryň transferi üçin «Braýton» klubuna 14 million ýewro tölär.

**Sterling «Arsenala», Sanço «Çelsä» transfer boldy**

► «Çelside» täze tälimçi tarapyndan islenmeýän oýunçy diýlip yglan edilen Rahim Sterling Londonyň demirgazyk ýakasynyň klubuna, «Çelsiniň» köne bäsdeşi «Arsenala» transfer boldy. Ol topçular bilen 1 ýyllyk kärendesine şertnama baglaşdy. Sterling karýerasy boýunça «Premier Liganyň» 6 uly topary diýlip bellenilýän klublaryň 4-njisiniň köýnekçesini geýer. Ol «Liwerpul», «Mançester Siti», «Çelsi» toparlarynda oýnapdy.

Rahim Sterlingi «Arsenala» ugradan «Çelsi» başga bir esasy garşydaşy «Mançester Ýunaýtedden» ýyldyz oýunçy Jeýdon Sançony transfer etdi. Sanço londonlylar bilen 1 ýyllyk kärendesine şertnama gol çekişdi. Sanço geçen möwsümiň 2-nji ýarymyny «Borussiýa Dortmundda» oýnapdy.

► Italiýanyň öňdebaryjy 2 kluby «Milan» bilen «Romanyň» arasynda oýunçy alyş-çalşygy boldy. «Milan» belgiýaly wingeri Aleksis Salemakersi «Roma» ugradyp, rimlileriň iňlis hüjümçisi Tammi Abrahamy düzümine goşdy. 2 futbolçy hem täze klublarynda 1 ýyllyk kärendesine çykyş eder. Şeýle-de, «Roma» topary «Atletiko Madrid» bilen şertnamasy tamamlanan 29 ýaşyndaky ispaniýaly goragçy Mario Hermosony erkin agent ýagdaýynda transfer etdi. «Roma» topary nemes kluby «Borussiýa M» toparynyň fransiýaly ýarymgoragçysy Manu Koneni 1 ýyllyk kärendesine düzümine goşdy. Rimliler 23 ýaşly oýunçyny möwsümiň ahyrynda 18 million ýewro transfer eder we onuň bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşar.

► Türkiýäniň çempiony «Galatasaraý» topary «Napoliden» nigeriýaly ýyldyz hüjümçi Wiktor Osimheni düzümine goşdy. Türk kluby 25 ýaşyndaky oýunçy bilen möwsümiň ahyryna çenli 1 ýyllyk kärendesine şertnama baglaşdy. «Galatasaraý» kluby oýunçynyň aýlyk hakyny tölär. «Çelsi» bilen şertnama baglaşmagyň bosagasyndan gaýdan Osimheni «Napoliniň» täze tälimçisi Antonio Konte esasy düzümde göz öňünde tutmandy.

► «Mançester Ýunaýted» öňden bäri gyzyklanyp ýören futbolçysy Manuel Ugarteni transfer möwsüminiň tamamlanýan gününde düzümine goşdy. Iňlis kluby bu transfer üçin Fransiýanyň PSŽ toparyna 50+10 million ýewro berer. 23 ýaşyndaky urugwaýly futbolçy mankunianlar bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. PSŽ Ugarteni geçen tomusda «Sportingden» 60 million ýewro transfer edipdi.

► PSŽ topary ispaniýaly ýarymgoragçysy Karlos Soleri «Premier League»-niň «West Ham» toparyna kärendesine ugratdy. 27 ýaşyndaky Soler londonlylaryň düzüminde 1 ýyl çykyş eder. Ol «West Ham» toparynyň şu tomusda düzümine goşan 9-njy futbolçysydyr.

► Italiýanyň «Fiorentina» topary Germaniýanyň «Union Berlin» toparyndan 30 ýaşyndaky ýarymgoragçy Robin Gosensi 1 ýyllyk kärendesine transfer etdi. Ozal ençeme ýyllap «Serie A»-da «Atalantada» oýnan Gosens täze toparyndaky ilkinji duşuşygynda gol hem geçirmegi başardy.

► «Tottenham» toparynyň 28 ýaşyndaky argentinaly ýarymgoragçysy Jowani Lo Çelso Ispaniýanyň «Betis» toparyna transfer boldy. Ispan topary Lo Çelso üçin iňlis toparyna 8,4 million funt sterling tölär. Lo Çelso 2018/19 möwsüminde-de «Betisde» kärendesine çykyş edipdi.

► Germaniýanyň «Leipsig» topary Niderlandlaryň «Feýenoord» toparyndan 24 ýaşyndaky goragçy Lýutsharel Gertrýoýdy 20+5 million ýewro berip, düzümine goşdy. Niderland oýunçy täze kluby bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy.

► Portugaliýanyň «Benfika» topary Türkiýäniň «Galatasaraý» toparyndan 25 ýaşly winger Kerem Aktürkogluny 12+2 million ýewro transfer etdi. Lissabonlylar türkiýeli hüjümçi bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Aktürkoglu portugal klubundan ýyllyk 2 million ýewro hak alar.

► Braziliýaly 36 ýaşyndaky ýarymgoragçy Willian Gresiýanyň «Olimpiakos» toparynyň düzümine goşuldy. Soňky 2 möwsümi «Fulhamda» oýnan Willian karýerasy boýunça «Korintians» (2 gezek), «Şahtýor Donesk», «Anži», «Çelsi» hem-de «Arsenal» klublarynyň köýnekçesini geýdi.

► Angliýanyň «Liwerpul» kluby «Ýuwentusyň» italiýaly hüjümçisi Federiko Kiezany 14 million ýewro transfer etdi. 26 ýaşyndaky oýunçy iňlis kluby bilen uzak möhletleýin şertnama baglaşdy.



# «BAÝERIŇ» 35 OÝUNLYK ÝEŇLIŞSIZ ÝÖRIŞI TAMAMLANDY

**► Bu gezek soňky minutlarda gol bolmady**

Germaniýanyň çempionaty «Bundesliganyň» 2-nji tapgyrynda geçen möwsümiň ýeňlişsiz çempiony «Baýeriň» jadysy tamamlandy. Öz meýdançasynda «Leipsig» bilen duşuşan «Baýer» 1-nji ýarymyň ahyrynda Frimpongyň (39) hem-de Grimaldonyň (44) gollary bilen 2–0 öňe saýlandy. Ýöne 1-nji ýarym tamamlanmanka, «Leipsig» Kamplyň (45+7) tapawutlanmagynda aratapawudy 1 gola düşürmegi başardy. 2-nji ýarymda-da Loi Openda «Leipsige» ýeňiş getiren oýunçy boldy. Ol 57-nji hem-de 80-nji minutlarda 2 owadan gol geçirdi. Galan minutlarda mundan öň 10-dan gowrak duşuşykda soňky minutlarda ýa hasaby deňlän, ýa-da ýeňiş gazanmagy başaran «Baýere» bu gezek şol däbine eýermek başartmady. Şunlukda, «Baýer» «Bundesligada» 35 oýundan soň ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy. «Baýer» «Bundesligada» soňky gezek 2023-nji ýylyň maýynda utulypdy. «Bawariýa» bolsa öz meýdançasynda «Fraýburgy» Harri Keýn hem-de Tomas Mülleriň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda 2-nji ýarymda oýna girip gol geçiren Tomas Müller münhenlileriň köýnekçesini 710-njy gezek geýip, bu ugurda rekordy täzeledi. Ozalky rekord meşhur derwezeçi Sepp Maýere degişli bolup, ol 1962-1980-nji ýyllar aralygynda 709 duşuşykda «Bawariýanyň» köýnekçesini geýipdi.





*«Bundesligada» 2-nji tapgyryň netijeleri:* Union Berlin—Sankt-Pauli: 1–0, Ştutgart—Maýns: 3–3, Aýntraht—Hoffenhaým: 3–1, Werder—Borussiýa D: 0–0, Bohum—Borussiýa M: 0–2, Holştaýn—Wolfsburg: 0–2, Baýer—Leipsig: 2–3, Haýdenhaým—Augsburg: 4–0, Bawariýa—Fraýburg: 2–0.

**► 88 ýyldan soň ilkinji tälimçi**

Angliýanyň «Premier Ligasynda» tapgyryň iň esasy oýnunda «Liwerpul» myhmançylykda «Mançester Ýunaýtedi» 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Liwerpula» ýeňiş getiren gollary Luiz Diaz (35, 42) bilen 1 goluň asistini eden Mohamed Salah (56) geçirdi. Niderland hünärmeni Arne Slot 88 ýyldan soň özüniň «Mançester Ýunaýtede» garşy myhmançylykdaky ilkinji duşuşygynda ýeňiş gazanan ilkinji «liwerpully» tälimçi boldy.

**► Ýene het-trik, 69 oýunda 70 gol geçirdi**

Soňky çempion «Mançester Siti» myhmançylykda «West Ham» bilen duşuşdy. 3–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Mançester Sitiniň» gollarynyň 3-sini hem Erling Holann geçirdi. Ol 10-njy, 30-njy hem-de 83-nji minutlarda tapawutlanyp, çempionatdaky bassyr 2-nji, umumylykda 8-nji het-trigini etdi. Onuň çempionatdaky geçiren gollarynyň sany 69 oýunda 70-e ýetdi. Duşuşykda «West Hamyň» ýeke-täk goluny 19-njy minutda Ruben Diaş ýalňyşlyk bilen öz derwezesinden girizdi. Wise-çempion «Arsenal» 2-nji ýarymy 1 oýunçy kem oýnan duşuşygynda öz meýdançasynda «Braýton» bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady (Hawerts 38 —Žoao Pedro 58). «Çelsi» bolsa «Kristal Palas» bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady.



**► 87-nji minutdan soň 3 gol geçirtdi**

Öz meýdançasynda «Bornmut» bilen duşuşan «Ewerton» 87-nji minutdan soň 3 gol geçirdip, 2–0 öňde barýan oýnunda 3–2 asgyn geldi (Kin 50, Kalwert-Lewin 57 — Semenýo 87, Kuk 90+2, Sinisterra 90+6).

*«Premier League»-de 3-nji tapgyryň netijeleri:* Arsenal—Braýton: 1–1, Brentford—Southempton: 3–1, Ewerton—Bornmut: 2–3, Ipswiç—Fulham: 1–1, Lester – Aston Willa: 1–2, N. Forest—Wulwerhempton: 1–1, West Ham—Man. Siti: 1–3, Çelsi—K. Palas: 1–1, Nýukasl—Tottenham: 2–1, Man. Ýunaýted—Liwerpul:0–3.

**► «Barselonadan» jogapsyz 7 gol**

Ispaniýanyň çempionaty «La Ligada» 4-nji tapgyryň çäginde «Barselona» öz meýdançasynda «Walýadolid» toparyna gol baryny ýagdyrdy. 7–0 hasabynda ýeňiş gazanan «Barselona» utugyny 12-ä çykardy. Katalonlara uly hasaply ýeňiş gazandyran gollaryň 3-sini Rafinýa (20, 64, 72), beýlekileri-de Lewandowski (24), Kunde (45+2), Dani Olmo (83) hem-de Ferrar Torres (85) geçirdi. «Real Madrid» öz meýdançasynda «Betisi» Kilian Mbappeniň gollary (67, 75 p) esasynda 2–0 hasabynda utdy. Mbappe «La Ligadaky» ilkinji gollaryny geçirdi. «Atletik» bilen «Atletikonyň» arasyndaky oýunda-da madridliler 90+3-nji minutda Anhel Korreanyň geçiren ýeke-täk goly esasynda 1-0 hasabynda ýeňiş gazandy.



*«La Ligada» 4-nji tapgyryň netijeleri:* Barselona—Walýadolid: 7–0, Atletik—Atletiko: 0–1, Espanýol—Raýo Wallekano: 2–1, Walensiýa—Wilýarreal: 1–1, Leganes—Malýorka: 0–1, Alawes—Las Palmas: 2–0, Osasuna—Selta: 3–2, Sewilýa—Žirona: 0–2, Hetafe—R. Sosiedad: 0–0, Real Madrid—Betis: 2–0.

* * *

**► «Milan» ýene ýeňiş gazanyp bilmedi**

Italiýanyň çempionatynda «Serie A»-da 3-nji tapgyrda soňky çempion «Inter» öz meýdançasynda «Atalantany» 4-0 hasabynda ýeňdi. Gollary Džimsiti (3 ö.d.), Barella (10) hem-de Markus Turam (47, 56) geçirdi. Tapgyryň merkezi oýnunda «Ýuwentus» bilen «Roma» golsuz deňme-deň oýnap, turinlileriň ýeňişli ýörişini rimliler saklamagy başardy. «Napoli» öz meýdançasynda «Parma» bilen duşuşyp, 90-njy minutdan soň geçiren gollary esasynda ýeňşini baýram etdi. Duşuşykda «Parma» 19-njy minutda Boniniň penalti goly bilen öňe saýlandy. Oýnuň 90+2-nji minutynda täze transfer Romelu Lukaku hasaby deňlese, 90+6-njy minutda Anguissa neapollylara ýeňiş getiren oýunçy boldy. Ilkinji 2 tapgyrda 1 utuk alan «Milan» myhmançylykda «Lasio» bilen duşuşyp, 2–2 hasabynda deňme-deň oýnady we ýene-de ýeňiş gazanyp bilmedi (Kastelýanos 62, Dia 66 — Pawlowiç 8, Leao 72).

*«Serie A»-da 3-nji tapgyryň netijeleri:* Wenesiýa—Torino: 0–1, Inter—Atalanta: 4–0, Bolonýa— Empoli: 1–1, Leççe—Kaliari: 1–0, Lasio—Milan: 2-2, Napoli—Parma: 2–1, Fiorentina—Monza: 2–2, Jenoa—Werona: 0–2, Ýuwentus—Roma: 0–0, Udineze—Komo: 1–0.

* * *

**Fransiýanyň çempionatynda** sanawyň ýeňlişsiz lideri PSŽ 3-nji duşuşygynda ýeňiş gazandy. Myhmançylykda «Lill» toparyny 3–1 hasabynda ýeňen PSŽ-niň gollaryny Witinýa (33 p), Barkola (36) hem-de Kolo Muani (90+2) geçirdi. «Marsel» hem şol hasap bilen myhmançylykda «Tuluzadan» üstün çykdy. Duşuşykda täze transfer Grinwud 2 gol geçirip, ol çempionatdaky gollarynyň sanyny 5-e ýetirdi. 7 goluň geçirilen oýnunda «Lion» öz meýdançasynda «Strasburgy» soňky ýarym sagatda geçiren 3 goly esasynda 4–3 hasabynda ýeňlişe sezewar edip, ilkinji ýeňşini baýram etdi.

*«Ligue 1»-de 3-nji tapgyryň netijeleri:* Lion—Strasbur: 4–3, Brest—Sent-Etien: 4–0, Monpelie—Nant: 1–3, Tuluza—Marsel: 1–3, Monako—Lans: 1–1, Anže—Nissa: 1–4, Le Hawr—Oser: 3–1, Reýms—Renn: 2–1, Lill—PSŽ: 1–3.

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# UEFA Çempionlar Ligasynyň täze möwsüminiň bijeleri çekildi

UEFA Çempionlar Ligasynda täze möwsümiň bijeleri çekildi. Monakoda geçirilen dabara Janluiji Buffon bilen Kristiano Ronaldo hem gatnaşdy. Hatda bijäni olaryň ikisi çekdi. Buffon UEFA-nyň Prezidentiniň ýörite baýragy bilen, Ronaldo bolsa Çempionlar Ligasynda iň köp gol geçiren oýunçy bolany üçin ýörite baýrak bilen sylaglandy.

UEFA-nyň iň uly klub ýaryşynyň umumylykda 70-nji möwsümi bolup, UEFA Çempionlar Ligasy adyny alanyndan soňky 33-nji möwsüm ozalkylardan üýtgeşik formatda geçiriler. Gatnaşýan klublaryň sany artdyrylyp, 32-den 36-a çykaryldy. Şol bir wagtyň özünde duşuşyklaryň sany hem öňkülerden köp bolar. Adatça toparçalaýyn tapgyrda klublar 6 duşuşyk geçirýän bolsa, täze görnüşdäki liga tapgyrynda klublar 8 duşuşyk oýnarlar.

Çempionlar Ligasyna gatnaşýan 36 klub 16 ýurda wekilçilik edýär. 36 klub UEFA-nyň sanawyndaky orunlaryna görä, 9 klubly 4 torba paýlandy. Her klub her torbadan 2 klub bilen, jemi 8 duşuşyk geçirer. Her torbanyň 1 wekili bilen öz meýdançasynda, beýleki wekili bilenem myhmançylykda duşuşar. Sentýabr aýynda başlanjak duşuşyklar geljek ýylyň ýanwarynda tamamlanar. 8 duşuşygyň netijesinde iň köp utuk toplan 8 topar 1/8 finala çykar. 9-16-njy orunlary eýelänler bilen 17-24-nji orunlary eýelänler 2 oýundan ybarat (öz meýdançasynda hem-de myhmançylykda) pleý-off duşuşyklaryny geçirerler. Fewral aýynda oýnaljak bu pleý-off duşuşyklarynda ýeňiş gazananlar 1/8 finalda ligany ilkinji 8 orunda tamamlanlar bilen duşuşarlar. 25-36-njy ýeri eýelän toparlar üçin bolsa ýaryş tamamlanar. 1/8 finalyň oýunlary mart aýynda, çärýek finalyň duşuşyklary aprel aýynda, ýarym finalyň oýunlary-da aprel aýynyň ahyrynda hem-de maý aýynyň başlarynda geçiriler. UEFA-nyň birinji derejeli klub ýaryşynyň 70-nji möwsümi ýa-da UEFA Çempionlar Ligasynyň 33-nji möwsümi 2025-nji ýylyň 31-nji maýynda Münhendäki «Allianz Arenada» oýnaljak final bilenem tamamlanar.



Fransiýanyň çempiony PSŽ-niň bijesine güýçli garşydaşlar düşdi. Parižliler ýaryşyň dowamynda «Mançester Siti», «Arsenal», «Bawariýa», «Atletiko» ýaly yklymyň öňdebaryjy 4 kluby bilen güýç synanyşar. Germaniýanyň «Borussiýa Dortmund» topary Ispaniýanyň 2 güýçli kluby «Real Madrid» hem-de «Barselona» bilen duşuşar. Ilkinji gezek gatnaşýan «Brest» hem «El Klasikonyň» 2 wekili bilen öz güýjüni synap görer. «Bundesliganyň» çempiony «Baýer» hem «Serie A»-nyň 2 kluby «Milan» bilen Germaniýada, «Inter» bilenem Italiýada duşuşar. «Mançester Siti» topary hem Italiýa derbisiniň wekilleri – «Inter» we «Ýuwentus» bilen öz duşuşyklaryny geçirer.

Täze formatda futbol janköýerlerine ozalkylardan has köp gyzykly duşuşyklar garaşýar. Has takygy, ozal toparçalarda bir eliň barmaklarynyň sanyna ýetmeýän «A» derejeli duşuşyklaryň täze ulgamda ençemesi bar.

1-nji tapgyrda «Milan»–«Liwerpul», «Mançester Siti»–«Inter», 2-nji tapgyrda «Arsenal»–PSŽ, «Baýer»–«Milan», «Leipsig»–«Ýuwentus», 3-nji tapgyrda ispan hem-de nemes klublarynyň özara duşuşyklary «Real Madrid»–«Borussiýa Dortmund», «Barselona»–«Bawariýa», «Leipsig»–«Liwerpul», 4-nji tapgyrda «Real Madrid»–«Milan», «Inter»–«Arsenal», PSŽ–«Atletiko», «Liwerpul»–«Baýer», 5-nji tapgyrda «Inter»–«Leipsig», «Bawariýa»–PSŽ, «Liwerpul»–«Real Madrid», 6-njy tapgyrda «Baýer»–«Inter», «Borussiýa Dortmund»–«Barselona», «Ýuwentus»–«Mançester Siti», 7-nji duşuşyklarda «Atletiko» –«Baýer», PSŽ–«Mançester Siti» hem-de 18 duşuşygy-da bir wagtda başlanjak 8-nji tapgyrda «Benfika»–«Ýuwentus», «Barselona»–«Atalanta» duşuşyklary öňe saýlanýar.

### 1-nji duşuşyklar

| 17-nji sentýabr (sişenbe) | | |
|---|---|---|
| Ýang Boýz | 21:45 | Aston Willa |
| **Ýuwentus** | 21:45 | **PSW** |
| **Milan** | 00:00 | **Liwerpul** |
| Bawariýa | 00:00 | Dinamo Z |
| Real Madrid | 00:00 | Ştutgart |
| Sporting | 00:00 | Lill |

| 18-nji sentýabr (çarşenbe) | | |
|---|---|---|
| Sparta Praga | 21:45 | RB Salsburg |
| Bolonýa | 21:45 | Şahtýor D |
| Seltik | 00:00 | Slowan Br. |
| K. Brýugge | 00:00 | Borussiýa D |
| **Man. Siti** | 00:00 | **Inter** |
| PSŽ | 00:00 | Žirona |

| 19-njy sentýabr (penşenbe) | | |
|---|---|---|
| Feýenoord | 21:45 | Baýer |
| S. Zwezda | 21:45 | Benfika |
| **Monako** | 00:00 | **Barselona** |
| **Atalanta** | 00:00 | **Arsenal** |
| **Atletiko** | 00:00 | **Leipsig** |
| Brest | 00:00 | Şturm Gras |

### 2-nji duşuşyklar

| 1-nji oktýabr (sişenbe) | | |
|---|---|---|
| RB Salsburg | 21:45 | Brest |
| Ştutgart | 21:45 | Sparta Praga |
| Arsenal | 00:00 | PSŽ |
| **Baýer** | 00:00 | **Milan** |
| Borussiýa D | 00:00 | Seltik |
| Barselona | 00:00 | Ýang Boýz |
| Inter | 00:00 | S. Zwezda |
| PSW | 00:00 | Sporting |
| Slowan Br. | 00:00 | Man. Siti |

| 2-nji oktýabr (çarşenbe) | | |
|---|---|---|
| Şahtýor D | 21:45 | Atalanta |
| Žirona | 21:45 | Feýenoord |
| Aston Willa | 00:00 | Bawariýa |
| Dinamo Z | 00:00 | Monako |
| Liwerpul | 00:00 | Bolonýa |
| Lill | 00:00 | Real Madrid |
| **Leipsig** | 00:00 | **Ýuwentus** |
| Şturm Gras | 00:00 | K. Brýugge |
| **Benfika** | 00:00 | **Atletiko** |

### 3-nji duşuşyklar

| 22-nji oktýabr (sişenbe) | | |
|---|---|---|
| Milan | 21:45 | K. Brýugge |
| Monako | 21:45 | S. Zwezda |
| Arsenal | 00:00 | Şahtýor D |
| Aston Willa | 00:00 | Bolonýa |
| Žirona | 00:00 | Slowan Br. |
| Ýuwentus | 00:00 | Ştutgart |
| PSŽ | 00:00 | PSW |
| **Real Madrid** | 00:00 | **Borussiýa D** |
| Şturm Gras | 00:00 | Sporting |

| 23-nji oktýabr (çarşenbe) | | |
|---|---|---|
| Atalanta | 21:45 | Seltik |
| Brest | 21:45 | Baýer |
| Atletiko | 00:00 | Lill |
| Ýang Boýz | 00:00 | Inter |
| **Barselona** | 00:00 | **Bawariýa** |
| RB Salsburg | 00:00 | Dinamo Z |
| Man. Siti | 00:00 | Sparta Praga |
| **Leipsig** | 00:00 | **Liwerpul** |
| Benfika | 00:00 | Feýenoord |

### 4-nji duşuşyklar

| 5-nji noýabr (sişenbe) | | |
|---|---|---|
| PSW | 22:45 | Žirona |
| Slowan Br. | 22:45 | Dinamo Z |
| Bolonýa | 01:00 | Monako |
| Borussiýa D | 01:00 | Şturm Gras |
| Seltik | 01:00 | Leipsig |
| **Liwerpul** | 01:00 | **Baýer** |
| Lill | 01:00 | Ýuwentus |
| **Real Madrid** | 01:00 | **Milan** |
| Sporting | 01:00 | Man. Siti |

| 6-njy noýabr (çarşenbe) | | |
|---|---|---|
| K. Brýugge | 22:45 | Aston Willa |
| Şahtýor D | 22:45 | Ýang Boýz |
| Sparta Praga | 01:00 | Brest |
| Bawariýa | 01:00 | Benfika |
| **Inter** | 01:00 | **Arsenal** |
| Feýenoord | 01:00 | RB Salsburg |
| S. Zwezda | 01:00 | Barselona |
| **PSŽ** | 01:00 | **Atletiko** |
| Ştutgart | 01:00 | Atalanta |

### 5-nji duşuşyklar

| 26-njy noýabr (sişenbe) | | |
|---|---|---|
| Sparta Praga | 22:45 | Atletiko |
| Slowan Br. | 22:45 | Milan |
| Baýer | 01:00 | RB Salsburg |
| Ýang Boýz | 01:00 | Atalanta |
| Barselona | 01:00 | Brest |
| **Bawariýa** | 01:00 | **PSŽ** |
| **Inter** | 01:00 | **Leipsig** |
| Man. Siti | 01:00 | Feýenoord |
| Sporting | 01:00 | Arsenal |

| 27-nji noýabr (çarşenbe) | | |
|---|---|---|
| S. Zwezda | 22:45 | Ştutgart |
| Şturm Gras | 22:45 | Žirona |
| Monako | 01:00 | Benfika |
| **Aston Willa** | 01:00 | **Ýuwentus** |
| Bolonýa | 01:00 | Lill |
| Seltik | 01:00 | K. Brýugge |
| Dinamo Z | 01:00 | Borussiýa D |
| **Liwerpul** | 01:00 | **Real Madrid** |
| PSW | 01:00 | Şahtýor D |

### 6-njy duşuşyklar

| 10-njy dekabr (sişenbe) | | |
|---|---|---|
| Žirona | 22:45 | Liwerpul |
| Dinamo Z | 22:45 | Seltik |
| **Atalanta** | 01:00 | **Real Madrid** |
| **Baýer** | 01:00 | **Inter** |
| K. Brýugge | 01:00 | Sporting |
| RB Salsburg | 01:00 | PSŽ |
| Şahtýor D | 01:00 | Bawariýa |
| Leipsig | 01:00 | Aston Willa |
| Brest | 01:00 | PSW |

| 11-nji dekabr (çarşenbe) | | |
|---|---|---|
| Atletiko | 22:45 | Slowan Br. |
| Lill | 22:45 | Şturm Gras |
| Milan | 01:00 | S. Zwezda |
| Arsenal | 01:00 | Monako |
| **Borussiýa D** | 01:00 | **Barselona** |
| Feýenoord | 01:00 | Sparta Praga |
| **Ýuwentus** | 01:00 | **Man. Siti** |
| Benfika | 01:00 | Bolonýa |
| Ştutgart | 01:00 | Ýang Boýz |

### 7-nji duşuşyklar

| 21-nji ýanwar 2025 (sişenbe) | | |
|---|---|---|
| Monako | 22:45 | Aston Willa |
| Atalanta | 22:45 | Şturm Gras |
| **Atletiko** | 01:00 | **Baýer** |
| Bolonýa | 01:00 | Borussiýa D |
| K. Brýugge | 01:00 | Ýuwentus |
| S. Zwezda | 01:00 | PSW |
| Liwerpul | 01:00 | Lill |
| Slowan Br. | 01:00 | Ştutgart |
| **Benfika** | 01:00 | **Barselona** |

| 22-nji ýanwar 2025 (çarşenbe) | | |
|---|---|---|
| Şahtýor D | 22:45 | Brest |
| Leipsig | 22:45 | Sporting |
| Milan | 01:00 | Žirona |
| Sparta Praga | 01:00 | Inter |
| Arsenal | 01:00 | Dinamo Z |
| Seltik | 01:00 | Ýang Boýz |
| Feýenoord | 01:00 | Bawariýa |
| **PSŽ** | 01:00 | **Man. Siti** |
| Real Madrid | 01:00 | RB Salsburg |

### 8-nji duşuşyklar

| 29-njy ýanwar 2025 (çarşenbe) | | |
|---|---|---|
| Aston Willa | 01:00 | Seltik |
| Baýer | 01:00 | Sparta Praga |
| Borussiýa D | 01:00 | Şahtýor D |
| Ýang Boýz | 01:00 | S. Zwezda |
| **Barselona** | 01:00 | **Atalanta** |
| Bawariýa | 01:00 | Slowan Br. |
| Inter | 01:00 | Monako |
| RB Salsburg | 01:00 | Atletiko |
| Žirona | 01:00 | Arsenal |
| Dinamo Z | 01:00 | Milan |
| **Ýuwentus** | 01:00 | **Benfika** |
| Lill | 01:00 | Feýenoord |
| Man. Siti | 01:00 | K. Brýugge |
| PSW | 01:00 | Liwerpul |
| Şturm Gras | 01:00 | Leipsig |
| Sporting | 01:00 | Bolonýa |
| Brest | 01:00 | Real Madrid |
| Ştutgart | 01:00 | PSŽ |

# ÝEWROPA LIGASYNYŇ DUŞUŞYKLARY



UEFA-nyň 2-nji derejeli ýaryşy Ýewropa Ligasynda-da täze möwsümiň bijeleri çekilip, bäsleşik edil Çempionlar Ligasynyň formatynda geçiriler. 23 ýurduň adyndan wekilçilik etjek 36 klubuň arasynda «Mançester Ýunaýted», «Porto», «Roma», «Lasio», «Tottenham», «Aýaks», «Galatasaraý» ýaly klublar hem bar. Latwiýanyň RFS topary bu ýaryşyň final tapgyrynda ilkinji gezek çykyş eder. Stambuldan 3, Rim bilen Brýusselden hem 2 klub ýaryşa gatnaşýar.

Ýaryşyň liga tapgyrynyň duşuşyklary 25-nji sentýabrda başlap, geljek ýylyň 30-njy ýanwarynda tamamlanar. Öňdäki 8 orny eýelän klublar 1/8 finala çyksa, 9–16-njy orundakylar bilen 17–24-nji orundaky klublar özara pleý-off duşuşyklaryny oýnarlar. Sanawda 25-36-njy ýeri eýelän 12 klub üçin bäsleşik ýanwar aýynda tamamlanar. 54-nji gezek geçirilýän UEFA Ýewropa Ligasynda final duşuşygy 2025-nji ýylyň 21-nji maýynda Ispaniýanyň Bilbao şäherindäki «San Mames» stadionynda oýnalar.

**1-nji DUŞUŞYKLAR**
**25-nji sentýabr (çarşenbe)**
AZ Alkmaar – Elfsborg (21:45)
Bude-Glimt – Porto (21:45)
**Dinamo K – Lasio (00:00)**
Midtýullann – Hoffenhaým (00:00)
Galatasaraý – PAOK (00:00)
M. Ýunaýted – Twente (00:00)
Nissa – R. Sosiedad (00:00)
Ludogores – Slawiýa Praga (00:00)
Anderleht – Ferenswaroş (00:00)
**26-njy sentýabr (penşenbe)**
Fenerbahçe – Ýunion SŽ (21:45)
Malmö – Reýnjers (21: 45)
Aýaks – Beşiktaş (00:00)
**Roma – Atletik B (00:00)**
Aýntraht – Wiktoriýa Pl. (00:00)
FKSB – RFS (00:00)
Lion – Olimpiakos (00:00)
Braga – Makkabi T (00:00)
Tottenham – Garabag (00:00)

**2-nji DUŞUŞYKLAR**
**3-nji oktýabr (penşenbe)**
RFS – Galatasaraý (21:45)
Ferenswaroş – Tottenham (21:45)
Makkabi T – Midtýullann (21:45)
Olimpiakos – Braga (21:45)
Garabag – Malmö (21:45)
R. Sosiedad – Anderleht (21:45)
Lasio – Nissa (21:45)
Slawiýa Praga – Aýaks (21:45)
Hoffenhaým – Dinamo K (21:45)
Atletik B – AZ Alkmaar (00:00)
Beşiktaş – Aýntraht (00:00)
**Porto – M. Ýunaýted (00:00)**
Twente – Fenerbahçe (00:00)
Wiktoriýa Pl. – Ludogores (00:00)
Elfsborg – Roma (00:00)
PAOK – FKSB (00:00)
Ýunion SŽ – Bude-Glimt (00:00)
Reýnjers – Lion (00:00)

**3-nji DUŞUŞYKLAR**
**23-nji oktýabr (çarşenbe)**
Galatasaraý – Elfsborg (19:30)
Braga – Bude-Glimt (19:30)
**24-nji oktýabr (penşenbe)**
**Roma – Dinamo K (21:45)**
Aýntraht – RFS (21:45)
Midtýullann – Ýunion SŽ (21:45)
Ferenswaroş – Nissa (21:45)
Makkabi T – R. Sosiedad (21:45)
PAOK – Wiktoriýa Pl. (21:45)
Garabag – Aýaks (21:45)
Atletik B – Slawiýa Praga (00:00)
Porto – Hoffenhaým (00:00)
Twente – Lasio (00:00)
**Fenerbahçe – M. Ýunaýted (00:00)**
Malmö – Olimpiakos (00:00)
Lion – Beşiktaş (00:00)
Reýnjers – FKSB (00:00)
Anderleht – Ludogores (00:00)
Tottenham – AZ Alkmaar (00:00)

**4-nji DUŞUŞYKLAR**
**6-njy noýabr (çarşenbe)**
Beşiktaş – Malmö (20:30)
**7-nji noýabr (penşenbe)**
Aýntraht – Slawiýa Praga (22:45)
Bude-Glimt – Garabag (22:45)
FKSB – Midtýullann (22:45)
Galatasaraý – Tottenham (22:45)
Elfsborg – Braga (22:45)
Nissa – Twente (22:45)
Olimpiakos – Reýnjers (22:45)
Ludogores – Atletik B (22:45)
Ýunion SŽ – Roma (22:45)
Aýaks – Makkabi T (01:00)
AZ Alkmaar – Fenerbahçe (01:00)
Dinamo K – Ferenswaroş (01:00)
RFS – Anderleht (01:00)
Wiktoriýa Pl. – R. Sosiedad (01:00)
M. Ýunaýted – PAOK (01:00)
**Lasio – Porto (01:00)**
Hoffenhaým – Lion (01:00)

**5-nji DUŞUŞYKLAR**
**28-nji noýabr (penşenbe)**
Atletik B – Elfsborg (22:45)
AZ Alkmaar–- Galatasaraý (22:45)
Beşiktaş – Makkabi T (22:45)
Dinamo K – Wiktoriýa Pl. (22:45)
RFS – PAOK (22:45)
Garabag – Lion (22:45)
Anderleht – Porto (22:45)
Lasio – Ludogores (22:45)
Midtýullann – Aýntraht (01:00)
Twente – Ýunion SŽ (01:00)
Ferenswaroş – Malmö (01:00)
FKSB – Olimpiakos (01:00)
M. Ýunaýted – Bude-Glimt (01:00)
Nissa – Reýnjers (01:00)
**R. Sosiedad – Aýaks (01:00)**
Braga – Hoffenhaým (01:00)
Slawiýa Praga – Fenerbahçe (01:00)
**Tottenham – Roma (01:00)**

**6-njy DUŞUŞYKLAR**
**11-nji dekabr (çarşenbe)**
Fenerbahçe – Atletik B (20:30)
**12-nji dekabr (penşenbe)**
Roma – Braga (22:45)
Wiktoriýa Pl. – M. Ýunaýted (22:45)
Malmö – Galatasaraý (22:45)
Olimpiakos – Twente (22:45)
PAOK – Ferenswaroş (22:45)
Ludogores – AZ Alkmaar (22:45)
Ýunion SŽ – Nissa (22:45)
Hoffenhaým – FKSB (22:45)
**Aýaks – Lasio (01:00)**
Porto – Midtýullann (01:00)
Bude-Glimt – Beşiktaş (01:00)
Elfsborg – Garabag (01:00)
Makkabi T – RFS (01:00)
Lion – Aýntraht (01:00)
**Reýnjers – Tottenham (01:00)**
R. Sosiedad – Dinamo K (01:00)
Slawiýa Praga – Anderleht (01:00)

**7-nji DUŞUŞYKLAR**
**21-nji ýanwar 2025 (sişenbe)**
Galatasaraý – Dinamo K (20:30)
**22-nji ýanwar 2025 (çarşenbe)**
Beşiktaş – Atletik B (20:30)
**23-nji ýanwar 2025 (penşenbe)**
AZ Alkmaar – Roma (22:45)
Porto – Olimpiakos (22:45)
Wiktoriýa Pl. – Anderleht (22:45)
**Fenerbahçe – Lion (22:45)**
Bude-Glimt – Makkabi T (22:45)
Malmö – Twente (22:45)
Garabag – FKSB (22:45)
Hoffenhaým – Tottenham (22:45)
Aýntraht – Ferenswaroş (01:00)
RFS – Aýaks (01:00)
Elfsborg – Nissa (01:00)
**M. Ýunaýted – Reýnjers (01:00)**
PAOK – Slawiýa Praga (01:00)
Ludogores – Midtýullan (01:00)
Ýunion SŽ – Braga (01:00)
**Lasio – R. Sosiedad (01:00)**

**8-nji DUŞUŞYKLAR**
**30-njy ýanwar 2025 (penşenbe)**
**Aýaks – Galatasaraý (01:00)**
Roma – Aýntraht (01:00)
Atletik B – Wiktoriýa Pl. (01:00)
Dinamo K – RFS (01:00)
Midtýullann – Fenerbahçe (01:00)
Twente – Beşiktaş (01:00)
Ferenswaroş – AZ Alkmaar (01:00)
FKSB – M. Ýunaýted (01:00)
Makkabi T – Porto (01:00)
Nissa – Bude-Glimt (01:00)
Olimpiakos – Garabag (01:00)
Lion – Ludogores (01:00)
Reýnjers – Ýunion SŽ (01:00)
R. Sosiedad – PAOK (01:00)
Anderleht – Hoffenhaým (01:00)
Braga – Lasio (01:00)
Slawiýa Praga – Malmö (01:00)
Tottenham – Elfsborg (01:00)

# 68-nji «Altyn top» baýragynyň dalaşgärleri mälim edildi

Futbol dünýäsiniň iň uly şahsy baýragy «Altyn top» (Ballon d'Or) hasaplanýar. «France Football» žurnaly tarapyndan 1956-njy ýyldan bäri gowşurylyp gelinýän baýragyň bu ýylky dalaşgärleri mälim edildi. Ilkinji sanawa 30 futbolçy saýlanyp, olaryň 6-sy «Real Madrid», 4-si «Mançester Siti» hem-de «Arsenal» klublarynyň oýunçylarydyr. Şol sanda sanawda «Baýerden» 3, «Interdir» PSŽ-den 2, «Aston Willa», «Çelsi», «Barselona», «Žirona», «Bawariýa», «Atalanta», «Borussiýa Dortmund», «Atletik Bilbao» hem-de «Leipsig» klublaryndan 1 futbolçy bar. Ýeňiji oýunçylaryň geçen möwsümdäki görkezen netijeleri esasynda kesgitlener. Ýagny tomusda klublaryny üýtgeden futbolçylaryň geçen möwsümdäki klublarynda görkezen başarnyklary göz öňünde tutulýar. Şol sebäpli-de sanawa oýunçylaryň atlary ozalky klublary bilen bilelikde ýazyldy.



68-nji gezek gowşuryljak «Altyn top» baýragynyň iň esasy dalaşgärleri hökmünde «Real Madridiň» oýunçylary Winisius Junior bilen Jud Bellingam hasaplanýar. Şol sanda «Mançester Sitiniň» ispaniýaly ýyldyzy Rodriniň hem ady öňdäkileriň hatarynda agzalýar.

Diňe bir erkekleriň arasynda däl, eýsem, zenanlaryň arasynda-da «Altyn top» (Femin Ballon d'Or Féminin) baýragynyň, şol sanda, möwsümiň iň ökde ýaş futbolçysyna berilýän Kopa baýragynyň (Kopa Trophy), iň ökde derwezeçä berilýän Ýaşin baýragynyň (Yashin Trophy), ýylyň klublary (erkek hem-de zenan), ýylyň tälimçileri (erkek hem-de zenan futbolynda) baýraklarynyň dalaşgärleri-de mälim edildi.

Şeýle-de, 2003-nji ýyldan soň ilkinji gezek «Altyn top» baýragyna ne Lionel Messi, ne-de Kristiano Ronaldo dalaşgär görkezildi. Ýagny 21 ýyldan soň Messisiz we Ronaldosyz "Altyn top" baýragynyň ýeňijisi, şol sanda beýleki baýraklaryňam ýeňijileri 28-nji oktýabrda Parižde geçiriljek dabarada mälim ediler.

► **«Altyn top» baýragynyň dalaşgärleri:** Antonio Rüdiger, Dani Karwahal, Federiko Walwerde, Jud Bellingam, Toni Kroos, Winisius Junior («Real Madrid»), Ademola Lukman («Atalanta»), Aleks Grimaldo, Florian Wirts, Granit Džaka («Baýer»), Bukaýo Saka, Deklan Raýs, Martin Edegor, William Saliba («Arsenal»), Emiliano Martines («Aston Willa»), Koul Palmer («Çelsi»), Erling Holann, Fil Foden, Rodri, Ruben Diaş («Mançester Siti»), Kilian Mbappe, Witinýa (PSŽ), Harri Keýn («Bawariýa»), Mats Hummels («Borussiýa Dortmund»), Dani Olmo («RB Leipsig»), Hakan Çalhanoglu, Lautara Martines («Inter»), Niko Williams («Atletik Bilboa»), Lamin Ýamal («Barselona»), Artýom Dowbyk («Žirona»).

► **Zenanlaryň arasyndaky «Altyn top» baýragynyň dalaşgärleri:** Gabi Portilio («Korintians»), Loren Jeýms, Sýoeke Nüsken, Maýra Ramires («Çelsi»), Ýui Hasegawa, Loren Hemp, Hadija Şaw («Mançester Siti»), Tabita Çawinga, Ada Hederberg, Lindseý Horan («Lion»), Greýs Geýora, Mari-Antuanette Katoto (PSŽ), Julia Gwinn, Lea Şüller, Glodis Wiggosdottir («Bawariýa»), Manuela Juliano («Roma»), Aitana Bonmati, Lýus Bronz, Mariona Kaldenti, Karolin Grem Hansen, Patrisia Guijarro, Ewa Paýor, Salma Paralýuelo, Aleksia Putelýas («Barselona»), Alissa Naeher, Mallori Swanson («Çikago Red Stars»), Tarsiane («Hýuston Deş»), Barba Banda («Orlando Praýd»), Sofia Smit («Portland Torns»), Triniti Rodman («Waşington Spirit»).




Магазин запчастей для бытовой техники

РЕАЛИЗУЕМ:

.фреон для автомобильных кондиционеров;
.фреон для холодильников и кондиционеров всех марок;
.моторкомпрессоры для сплит систем и оконных кондиционеров всех марок;
.моторкомпрессоры и электродвигатели для бытовых, витринных и промышленных холодильников;
.электродвигатели для пылесосов;
.запасные части для стиральных машин.

H/K 101122504908

Тел.: 96 07 67
865 09 57 67
863 30 81 01


# Saud Arabystanynyň klublarynyň täze futbolçylary

**RONALDONYŇ TÄZE TOPARDAŞLARY**

► Saud Arabystanynyň «Al Nassr» topary «Çelsiniň» 19 ýaşly wingeri Anželo Gabrieli 23 million ýewro transfer etdi. Braziliýaly futbolçy araplar bilen uzak möhletleýin ylalaşyk gazanyp, ol geçen ýylyň tomsunda «Santosdan» «Çelsä» 15 million ýewro transfer bolupdy. Anželo geçen möwsümi Fransiýanyň «Strasbur» toparynda kärendesine geçiripdi. «Al Nassr» topary «Leipsig» klubundan 24 ýaşyndaky fransiýaly goragçy Mohamed Simakany hem düzümine goşdy. Er-Riýad şäheriniň wekili bu transfer üçin nemes klubuna 45 million ýewro berer. Simakan «Leipsigde» 3 möwsümde 122 duşuşyk geçirdi (7 gol). «Korintiansdan» 19 ýaşyndaky braziliýaly hüjümçi Weslini 4 ýyllyk şertnama bilen 19 million ýewro transfer eden «Al Nassr» topary çep gyraky braziliýaly goragçysy Aleks Tellesi hem klubdan ugratdy. Arap klubunda 1 möwsüm oýnan 31 ýaşyndaky Aleks Telles ýurdunyň «Botafogo» topary bilen 2026-njy ýylyň 31-nji dekabryna çenli şertnama baglaşdy.



► Fransiýanyň PSŽ topary 32 ýaşyndaky portugaliýaly ýarymgoragçysy Danilo Pereýrany Saud Arabystanynyň «Al-Ittihad» toparyna ugratdy. Jidda şäheriniň wekili Danilo üçin fransuzlara 5 million ýewro berer. «Barselona», «Atletiko», «Porto» ýaly klublaryň hem içgin gyzyklanan futbolçysy PSŽ-de 4 möwsüm çykyş etdi.

► Saud Arabystanynyň iň öňdebaryjy kluby, soňky çempion «Al Hilal» Portugaliýanyň «Benfika» toparyndan Markos Leonardony 40 million ýewro düzümine goşdy. 21 ýaşyndaky braziliýaly hüjümçi paýtagtlylar bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Benfika» topary ony ýanwar aýynda «Santosdan» 18 million ýewro transfer edipdi. Ol ýarym möwsümde 14 oýunda 7 gol geçirdi.



► Saud Arabystanynyň «Al-Şabab» kluby Angliýanyň «Wulwerhempton» toparyndan portugaliýaly hawbek Daniel Podenseni 5 million ýewro transfer etdi. Geçen möwsümi «Olimpiakosda» kärendesine geçiren 28 ýaşyndaky ýarymgoragçy 2019/20 möwsüminde grek toparyndan «Wulwerhemptona» transfer bolupdy. Podense geçen möwsümde «Olimpiakosda» 47 oýunda 15 gol geçirdi.

► «Roma» topary angliýaly 34 ýaşyndaky goragçysy Kris Smollingi Saud Arabystanynyň «Al Faýha» toparyna, 19 ýaşyndaky portugaliýaly wingeri Žoao Kostany-da SPL-niň başga bir kluby «Al-Ittifak» toparyna ugratdy. Smolling täze kluby bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Žoao Kostanyň transfer bahasy 9 million ýewro bolup, ol arap kluby bilen uzak möhletleýin şertnama gol çekişdi.

► Saud Arabystanynyň öňdebaryjy klublaryndan «Al Ahli» Angliýanyň «Brentford» toparynyň iňlis hüjümçisi Iwan Tounini 40 million funt sterlinge transfer etdi. 28 ýaşyndaky hüjümçi arap kluby bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşdy. Touni «Brentfordda» 4 möwsümde 141 oýunda 72 gol geçirdi.

► Niderlandlaryň «Aýaks» toparynyň ýyldyzy Stewen Bergweýn karýerasyny Saud Arabystanynda dowam etdirer. 26 ýaşyndaky niderland ýarymgoragçynyň transfer tölegi 21 million ýewro diýlip kesgitlendi. 3 ýyllyk şertnama gol çeken Bergweýn «Aýaksdan» öň «Tottenham» we PSW toparlarynda hem oýnapdy.